61404	Tassyklanan örtükli akkreditiwler boýunça bolup biljek talaplar	**A**
Topar 5	***Ýerlenmedik kurs tapawutlary***	
61501	Daşary ýurt puluny täzeden bahalandyrmak boýunça ýerleşdirilmedik hümmet tapawudy	**A**
61502	Gymmat bahaly metallaryň täzeden bahalandyrmak boýunça ýerleşdirilmedik hümmet tapawudy	**A**
61503	Gymmatly kagyzlaryň täzeden bahalandyrmak boýunça ýerleşdirilmedik hümmet tapawudy	**A**
Topar 6	***Walýuta ýagdaýynyň hasaplary***	
61601	Gysga walýuta ýagdaýy	**A**
61602	Milli pulda walýuta ýagdaýynyň garşylyklaýyn bahasy (uzyn walýuta ýagdaýynyň)	**P**

KLAS 2	**PASSIW**	
Topar 0	***Hususy maýa bilen amallar***	
62001	Banklar tarapyndan gymmatly kagyzlaryň goýberilmegini bellige almak	**P**
62002	Paýdarlardan satyn alnan we ýerleşdirilmäge degişli paýnamalar.	**P**
62003	Dolanşykdan aýrylan paýnamalar	**P**
Topar 1	***Nagt geleşikler boýunça borçlar***	
62101	Manady ibermek boýunça şertli borçlar	**P**
62102	Daşary ýurt puluny ibermek boýunça şertli borçlar	**P**
62103	Gymmat bahaly metallary ibermek boýunça şertli borçlar	**P**
62104	Gymmatly kagyzlary ibermek boýunça şertli borçlar	**P**
Topar 2	***Möhletli geleşikler boýunça borçlar***	
62201	Manady ibermek boýunça şertli borçlar	**P**
62202	Daşary ýurt puluny ibermek boýunça şertli borçlar	**P**
62203	Gymmat bahaly metallary ibermek boýunça şertli borçlar	**P**
62204	Gymmatly kagyzlary ibermek boýunça şertli borçlar	**P**
Topar 3	***Karzlary bermek boýunça borçlar***	
62301	Karz ugry boýunça bankyň borçlary (karzlary bermek)	**P**
62302	Ulanylmadyk karz ugurlary	**P**
Topar 4	***Akkreditiwler boýunça hasaplar - bolup biljek borçlar***	
62401	Çykarylan örtüksiz akkreditiwler boýunça bolup biljek borçlar	**P**
62402	Tassyklanan örtüksiz akkreditiwler boýunça bolup biljek borçlar	**P**
62403	Çykarylan örtükli akkreditiwler boýunça bolup biljek borçlar	**P**
62404	Tassyklanan örtükli akkreditiwler boýunça bolup biljek borçlar	**P**
Topar 5	***Ýerlenmedik kurs tapawutlary***	
62501	Daşary ýurt puluny täzeden bahalandyrmak boýunça ýerleşdirilmedik hümmet tapawudy	**P**
62502	Gymmat bahaly metallaryň täzeden bahalandyrmak boýunça ýerleşdirilmedik hümmet tapawudy	**P**
62503	Gymmatly kagyzlary täzeden bahalandyrmak boýunça ýerleşdirilmedik hümmet tapawudy	**P**
Topar 6	***Walýuta ýagdaýynyň hasaplary***	
62601	Uzyn walýuta ýagdaýy	**P**
62602	Milli pulda walýuta ýagdaýynyň garşylyklaýyn bahasy (gysga walýuta ýagdaýynyň)	**A**

MEMORAND HASAPLARY

Topar 1 ***Karzlar boýunça alnan üpjünçilik***

71101 Karz boýunça alnan girew - gymmatly kagyzlar
71102 Karz boýunça alnan girew - esasy serişdeler we maddy däl aktiwler
71104 Karz boýunça alnan girew - gaýry aktiwler
71105 Bank tarapyndan alnan kepillikler, zamunlyklar

Topar 2 ***Karzlar boýunça berlen üpjünçilik***

71201 Karz boýunça berlen girew - borçlanma namalar
71205 Bank tarapyndan alnan kepillikler, zamunlyklar

Topar 3 ***Gaýry talaplar***

71301 Ýitgä eltilip hasapdan aýrylan bergiler.
71302 Bankyň karzlary boýunça hasaplanylan, ýöne alynmadyk (möhleti geçen) göterimler

Topar 4 ***Esasy serişdeler bilen amallar***

71401 Kärendesine berlen esasy serişdeler.
71403 Kärendesine alnan esasy serişdeler.

Topar 5 ***Hasaplaşyk amallar boýunça resminamalar***

71501 Möhletinde tölenmedik hasaplaşyk resminamalary
71502 Tölemek üçin aksepte garaşýan hasaplaşyk resminamalary
71503 Inkasso iberlen gymmatlyklar we resminamalar
71504 Kabul edilen we inkasso iberilen resminamalar we gymmatlyklar
71505 Faktoring we forfeýting amallary boýunça bellenilen tertipde satyn alnan hasaplaşyk resminamalary.
71506 Döwlet salgyt gullugynyň goýan hasaplaşyk resminamalary.

Topar 6 ***Dürli gymmatlyklar we resminamalar***

71601 Aýyl - saýyl edilmedik gymmatlyklar we gymmat bahaly gutular
71602 Berk hasabatda durýan blanklar
71603 Dürli gymmatlyklar we resminamalar
71604 Soňra hasabat bermek şerti bilen iberilen we jogapkärçilige berlen gymmatlyklar we resminamalar

BANKYŇ AKTIWLERI

KLAS 0. PUL SERIŞDELER WE OLARA DEŇLEŞDIRLEN SERIŞDELER

Topar 1. Nagt pul serişdeleri we töleg dokumentleri

Aktiw hasap	**10101**
Hasabyň ady:	Türkmenistanyň Merkezi bankynyň dolanşyk kassasyndaky nagt pul serişdeleri
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Türkmenistanyň Merkezi bankynyň dolanşyk kassasyndaky milli we daşary ýurt pullaryndaky banknotlary we şaýylary hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy tölegiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.
Bir ülňidäki geçirmeler:	

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Nagt pullaryň gaznalardan kassa geçirilmegi (manatlar)	10101 Merkezi bankynyň dolanşyk kassasyndaky nagt pul serişdeleri	20101-20103 Dolanşyga goýberlen pul biletleri we şaýy pullar
Nagt pullaryň kassadan gazna gaýtarylmagy (manatlar)	20101-20103 Dolanşyga goýberlen pul biletleri we şaýy pullar	10101 Merkezi bankynyň dolanşyk kassasyndaky nagt pul serişdeleri
Nagt pullaryň täjirçilik banklara we TMB-niň welaýat dolandyryş edaralaryna ugradylmagy	10108 Ýoldaky nagt pul serişdeleri	10101 Merkezi bankynyň dolanşyk kassasyndaky nagt pul serişdeleri
Nagt pullaryň alnanlygynyň tassyklanmagy	21101 Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky «Loro» hasaplar 19102 Elektron tölegler boýunça TMB-niň düzüm birlikleriniň hasaplary	10108 Ýoldaky nagt pul serişdeleri
Täjirçilik banklaryndan nagt pullaryň alynmagy	10101 Merkezi bankynyň dolanşyk kassasyndaky nagt pul serişdeleri	21101 Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky «Loro» hasaplar 28102 Elektron tölegler boýunça TMB-niň düzüm birlikleriniň hasaplary

Müşderilerden nagt pullaryň kabul edilmegi	10101 Merkezi bankynyň dolanşyk kassasyndaky nagt pul serişdeleri	Müşderileriň hasaplary (Bölüm 23200 -23300) 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar
Nagt pullaryň berilmegi	Müşderileriň hasaplary (Bölüm 23200 -23300) 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar	10101 Merkezi bankynyň dolanşyk kassasyndaky nagt pul serişdeleri
Ýüze çykarlan ýetmezçilikler	19207 Ýüze çykarlan ýetmezçilikler	10101 Merkezi bankynyň dolanşyk kassasyndaky nagt pul serişdeleri
Ýüze çykarlan artykmaçlyklar	10101 Merkezi bankynyň dolanşyk kassasyndaky nagt pul serişdeleri	28207 Ýüze çykarlan artykmaçlyklar
Bankomatlara pul serişdeleriň salynmagy	10105 Bankomatlardaky nagt pul serişdeleri	10101 Merkezi bankynyň dolanşyk kassasyndaky nagt pul serişdeleri
Bankomatlardan pul serişdeleriň berilmegi	10101 Merkezi bankynyň dolanşyk kassasyndaky nagt pul serişdeleri	10105 Bankomatlardaky nagt pul serişdeleri

Aýdyňlaşdyrma:

Bu hasabyň galyndysynyň dogrulygyna göz ýetirmek üçin, nagt pullaryň täzeden sanalmagyny yzygiderli geçirmeli.

Jikme-jik hasaba alnyşda pullaryň her bir görnüşi boýunça aýratyn şahsy hasaplar alnyp barylýar.

Töwekgelçiligiň dürli görnüşlerini azaltmak maksady bilen, bu hasap boýunça hereketi görkezýan her bir resminamada tertip belgisi, amalyň ady, möçberi bilen birlikde alyjynyň we tabşyryjynyň familiýasy, onuň ýerleşýän ýeri düşnükli ýazylmalydyr.

Aktiw hasap	**10102**
Hasabyň ady:	Bankyň amallar kassasyndaky nagt pul serişdeleri
Ulanyjy:	Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Täjirçilik bankyň amallar kassasyndaky milli we daşary ýurt pullaryndaky banknotlary we şaýylary hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy tölegiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Merkezi bankdan nagt pullary almak	10102 Bankyň amallar kassasyndaky nagt pul serişdeleri	11101 Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky «Nostro» hasaplar 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar

Merkezi banka nagt pullary gaýtarmak	10108 Ýoldaky nagt pul serişdeleri	10102 Bankyň amallar kassasyndaky nagt pul serişdeleri
Merkezi bankyň nagt pullaryň kabul edenligi barada tassyknamasynyň alynmagy	11101 Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky «Nostro» hasaplar	10108 Ýoldaky nagt pul serişdeleri
Şahamçalara nagt pullaryny ugratmak	10108 Ýoldaky nagt pul serişdeleri	10102 Bankyň amallar kassasyndaky nagt pul serişdeleri
Şahamçanyň nagt pullaryň kabul edenligi barada tassyknamasynyň alynmagy	19101 Bankiçerki hasaplaşyk ulgamy boýunça aragatnaşyk hasaby	10108 Ýoldaky nagt pul serişdeleri
Şahamçalardan nagt pullaryň kabul edilmegi	10102 Bankyň amallar kassasyndaky nagt pul serişdeleri	28101 Bankiçerki hasaplaşyk ulgamy boýunça aragatnaşyk hasaby
Nagt pullaryň kabul edilmegi	10102 Bankyň amallar kassasyndaky nagt pul serişdeleri	Ýörite ätiýaçlyklaryň (gorlaryň) hasaplaryndan başga, islendik hasaplar
Nagt pullaryň berilmegi	Ýörite ätiýaçlyklaryň (gorlaryň) hasaplaryndan başga, islendik hasaplar	10102 Bankyň amallar kassasyndaky nagt pul serişdeleri
Bankomatlara pul serişdeleriň salynmagy	10105 Bankomatlardaky nagt pul serişdeleri	10102 Bankyň amallar kassasyndaky nagt pul serişdeleri
Bankomatlardan pul serişdeleriň berilmegi	10102 Bankyň amallar kassasyndaky nagt pul serişdeleri	10105 Bankomatlardaky nagt pul serişdeleri
Ýüze çykarlan ýetmezçilikler	19207 Ýüze çykarlan ýetmezçilikler	10102 Bankyň amallar kassasyndaky nagt pul serişdeleri
Ýüze çykarlan artykmaçlyklar	10102 Bankyň amallar kassasyndaky nagt pul serişdeleri	28206 Ýüze çykarlan artykmaçlyklar

Aýdyňlaşdyrma:

Bu hasabyň galyndysynyň dogrulygyna göz ýetirmek üçin, nagt pullaryň täzeden sanalmagyny yzygiderli geçirmeli.

Jikme-jik hasaba alnyşda pullaryň her bir görnüşi boýunça aýratyn şahsy hasaplar alnyp barylýar.

Töwekgelçiligiň dürli görnüşlerini azaltmak maksady bilen, bu hasap boýunça hereketi görkezýan her bir resminamada tertip belgisi, amalyň ady, möçberi bilen birlikde alyjynyň we tabşyryjynyň familiýasy, onuň ýerleşýän ýeri düşnükli ýazylmalydyr.

Aktiw hasap	**10103**
Hasabyň ady:	Bankyň beýleki kassalaryndaky nagt pul serişdeleri (agşamky kassa, göçme kassa)
Ulanyjy:	Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Bankyň beýleki kassalaryndaky (agşamky kassa, göçme kassa) milli we daşary ýurt pullaryndaky banknotlary we şaýylary hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy tölegiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.
Bir ülňidäki geçirmeler:	

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Agşamky we göçme kassalara nagt pullaryň gelmegi	10103 Bankyň beýleki kassalaryndaky nagt pul serişdeleri (agşamky kassa, göçme kassa)	10102 Bankyň amallar kassasyndaky nagt pul serişdeleri Müşderileriň hasaplary we ş.m.
Agşamky we göçme kassalardan nagt pullaryň berilmegi	Müşderileriň hasaplary we ş.m.	10103 Bankyň beýleki kassalaryndaky nagt pul serişdeleri (agşamky kassa, göçme kassa)
Agşamky we göçme kassalardan nagt pullaryň gaýtarylmagy	10102 Bankyň amallar kassasyndaky nagt pul serişdeleri	10103 Bankyň beýleki kassalaryndaky nagt pul serişdeleri (agşamky kassa, göçme kassa)

Aýdyňlaşdyrma:

Bu hasabyň galyndysynyň dogrulygyna göz ýetirmek üçin, nagt pullaryň täzeden sanalmagyny yzygiderli geçirmeli.

Jikme-jik hasaba alnyşda pullaryň her bir görnüşi boýunça aýratyn şahsy hasaplar alnyp barylýar.

Töwekgelçiligiň dürli görnüşlerini azaltmak maksady bilen, bu hasap boýunça hereketi görkezýan her bir resminamada tertip belgisi, amalyň ady, möçberi bilen birlikde alyjynyň we tabşyryjynyň familiýasy, onuň ýerleşýän ýeri düşnükli ýazylmalydyr.

Aktiw hasap	**10104**
Hasabyň ady:	Başga bankda saklanýan pul serişdeleri
Ulanyjy:	Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Başga bankda saklanýan milli we daşary ýurt pullaryndaky banknotlary we şaýylary hasaba almak.

Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri: *Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy tölegiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Nagt pullaryň başga banka saklamaga berilmegi	10104 Başga bankda saklanýan pul serişdeleri	10102 Bankyň amallar kassasyndaky nagt pul serişdeleri
Başga bankda saklanýan nagt pullaryň alynmagy	10102 Bankyň amallar kassasyndaky nagt pul serişdeleri	10104 Başga bankda saklanýan pul serişdeleri

Aýdyňlaşdyrma:

Bu hasabyň galyndysynyň dogrulygyna göz ýetirmek üçin, nagt pullaryň täzeden sanalmagyny yzygiderli geçirmeli.

Jikme-jik hasaba alnyşda pullaryň her bir görnüşi boýunça aýratyn şahsy hasaplar alnyp barylýar.

Töwekgelçiligiň dürli görnüşlerini azaltmak maksady bilen, bu hasap boýunça hereketi görkezýan her bir resminamada tertip belgisi, amalyň ady, möçberi bilen birlikde alyjynyň we tabşyryjynyň familiýasy, onuň ýerleşýän ýeri düşnükli ýazylmalydyr.

Aktiw hasap **10105**

Hasabyň ady: Bankomatlardaky nagt pul serişdeleri

Ulanyjy: Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky

Hasabyň niýetlenilişi: Bankomatlardaky nagt pul serişdelerini hasaba almak

Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri: *Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy tölegiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Bankomatlara pul serişdeleriň salynmagy	10105 Bankomatlardaky nagt pul serişdeleri	10101 Merkezi bankyň dolanşyk kassasyndaky nagt pul serişdeleri 10102 Bankyň amallar kassasyndaky nagt pul serişdeleri

Bankomatlardan pul serişdeleriň berilmegi	10101 Merkezi bankyň dolanşyk kassasyndaky nagt pul serişdeleri 10102 Bankyň amallar kassasyndaky nagt pul serişdeleri 11101-11102 Aragatnaşyk hasaplary 21101-21102 Aragatnaşyk hasaplary 23206-23208 Talap edilýänçä serişdeler	10105 Bankomatlardaky nagt pul serişdeleri

Aýdyňlaşdyrma:

Bu hasabyň galyndysynyň dogrulygyna göz ýetirmek üçin, nagt pullaryň täzeden sanalmagyny yzygiderli geçirmeli.

Töwekgelçiligiň dürli görnüşlerini azaltmak maksady bilen, bu hasap boýunça hereketi görkezýan her bir resminamada tertip belgisi, amalyň ady, möçberi bilen birlikde alyjynyň familiýasy bank kartynyň belgisi düşnükli ýazylmalydyr.

Aktiw hasap	**10106**
Hasabyň ady:	Alyş-çalyş nokatlaryndaky nagt pul serişdeleri
Ulanyjy:	Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Alyş-çalyş nokatlaryndaky milli we daşary ýurt pullaryndaky banknotlary we şaýylary hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy tölegiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.
Bir ülňidäki geçirmeler:	

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Alyş-çalyş nokatlarynda nagt pullaryň hasaba alynmagy	10106 Alyş-çalyş nokatlaryndaky nagt pul serişdeleri	10108 Ýoldaky nagt pul serişdeleri
Nagt pullaryň kabul edilmegi	10106 Alyş-çalyş nokatlaryndaky nagt pul serişdeleri	28911 Uzyn walýuta ýagdaýy
Nagt pullaryň berilmegi	19906 Milli pulda walýuta ýagdaýynyň garşylyklaýyn bahasy (uzyn walýuta ýagdaýynyň)	10106 Alyş-çalyş nokatlaryndaky nagt pul serişdeleri

Alyş-çalyş nokatlaryndan nagt pullaryň gaýtarylmagy	10102 Bankyň amallar kassasyndaky nagt pul serişdeleri	10106 Alyş-çalyş nokatlaryndaky nagt pul serişdeleri

Aýdyňlaşdyrma:

Bu hasabyň galyndysynyň dogrulygyna göz ýetirmek üçin, nagt pullaryň täzeden sanalmagyny yzygiderli geçirmeli.

Jikme-jik hasaba alnyşda pullaryň her bir görnüşi boýunça aýratyn şahsy hasaplar alnyp barylýar.

Töwekgelçiligiň dürli görnüşlerini azaltmak maksady bilen, bu hasap boýunça hereketi görkezýan her bir resminamada tertip belgisi, amalyň ady, möçberi bilen birlikde alyjynyň we tabşyryjynyň familiýasy, onuň ýerleşýän ýeri düşnükli ýazylmalydyr.

Aktiw hasap	**10107**
Hasabyň ady:	Kassadaky çekler we beýleki töleg resminamalary
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Kassadaky nagt pul serişdelerine deňleşdirlen çekleri we beýleki töleg resminamalaryny hasaba almak
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy tölegiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Emitent banklardan çekleriň we beýleki resminamalaryň satyn alynmagy	10107 Kassadaky çekler we beýleki töleg resminamalary	11101-11102 Aragatnaşyk hasaplary 21101-21102 Aragatnaşyk hasaplary
Çekler we beýleki dokumentler boýunça pul serişdelerini nagt pula öwürmek	10107 Kassadaky çekler we beýleki töleg resminamalary	10101 Merkezi bankyň dolanşyk kassasyndaky nagt pul serişdeleri 10102 Bankyň amallar kassasyndaky nagt pul serişdeleri
Çekleri we beýleki töleg resminamalaryny inkassirleme	10109 Ýoldaky çekler we beýleki töleg resminamalary	10107 Kassadaky çekler we beýleki töleg resminamalary

Aýdyňlaşdyrma:

Bu hasabyň galyndysynyň dogrulygyna göz ýetirmek üçin, çekleriň we beýleki töleg resminamalaryň täzeden sanalmagyny yzygiderli geçirmeli.

Jikme-jik hasaba alnyşda pullaryň her bir görnüşi boýunça aýratyn şahsy hasaplar alnyp barylýar.

Töwekgelçiligiň dürli görnüşlerini azaltmak maksady bilen, bu hasap boýunça hereketi görkezýan her bir resminamada tertip belgisi, amalyň ady, möçberi bilen birlikde alyjynyň we tabşyryjynyň familiýasy, onuň ýerleşýän ýeri düşnükli ýazylmalydyr.

Aktiw hasap	**10108**
Hasabyň ady:	Ýoldaky nagt pul serişdeleri
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Bankyň kassasyndan beýleki banklara, şahamçalara we alyş-çalyş nokatlaryna ugradylan milli we daşary ýurt pullaryndaky banknotlary we şaýylary hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy tölegiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.
Bir ülňidäki geçirmeler:	

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Nagt puluň ugradylmagy	10108 Ýoldaky nagt pul serişdeleri	10101 Merkezi bankyň dolanşyk kassasyndaky nagt pul serişdeleri 10102 Bankyň amallar kassasyndaky nagt pul serişdeleri
Alyjydan tassyklama alynmagy	21101 Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky «Loro» hasaplar 11101 Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky «Nostro» hasaplar 19101 Özara algy-bergiler boýunça hasaplaşyklary 10106 Alyş-çalyş nokatlaryndaky nagt pul serişdeleri	10108 Ýoldaky nagt pul serişdeleri

Aýdyňlaşdyrma:

Alyjynyň hakykatdan nagt pullary alandygyny tassyklaýan resminama gelip gowuşýança ugradylan banknotlaryň we şaýylaryň hasaby 10108 hasapda ýöredilýär.

Bank jikme-jik hasaba alnyşda bu hasaplaryň pullaryň görnüşlerine, hyzmatdaş taraplara görä we olaryň dörän döwri boýunça seljermesini geçirmäge mümkinçilik berýän maglumat ulgamyny döretmelidir.

Aktiw hasap	**10109**
Hasabyň ady:	Ýoldaky çekler we beýleki töleg resminamalary
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Bankyň kassasyndan beýleki banklara, şahamçalara we alyş-çalyş nokatlaryna ugradylan ýoldaky çekleri we beýleki töleg resminamalary hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy tölegiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Çekleri we beýleki töleg resminamalaryny inkassirleme	10109 Ýoldaky çekler we beýleki töleg resminamalary	10107 Kassadaky çekler we beýleki töleg resminamalary
Çekler boýunça öwezini dolmak	11101-11102 Aragatnaşyk hasaplary 21101-21102 Aragatnaşyk hasaplary	10109 Ýoldaky çekler we beýleki töleg resminamalary

Aýdyňlaşdyrma:

Alyjynyň hakykatdan çekleri we beýleki töleg resminamalaryny alandygyny tassyklaýan resminama gelip gowuşýança ugradylan çekler we beýleki töleg resminamalary 10109 hasapda ýöredilýär.

Bank jikme-jik hasaba alnyşda bu hasaplaryň pullaryň görnüşlerine, hyzmatdaş taraplara görä we olaryň dörän döwri boýunça seljermesini geçirmäge mümkinçilik berýän maglumat ulgamyny döretmelidir.

Aktiw hasap	**10110**
Hasabyň ady:	Inkassirlenen nagt pul girdejisi
Ulanyjy:	Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Kärhanalaryň we edaralaryň hasaplaryna girdeji edilmäge degişli inkassirlenen nagt pul girdejisini hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy tölegiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Inkassirlenen nagt pul girdejisiniň kabul edilmegi	10110 Inkassirlenen nagt pul girdejisi	23201 Döwlet kärhanalarynyň we guramalarynyň hasaplary 23208 Şahsy adamlaryň hasaplary
Nagt pullary hasaplanandan soňra kassa alynmagy (hakyky möçbere)	10102 Bankyň amallar kassasyndaky nagt pul serişdeleri	10110 Inkassirlenen nagt pul girdejisi
ýüze çykarlan artykmaçlyklar	10110 Inkassirlenen nagt pul girdejisi	45208 Bank işinden alnan gaýry girdejiler
ýüze çykarlan ýetmezçilikler	23201-23208 Talap edilýänçä serişdeler	10110 Inkassirlenen nagt pul girdejisi

Aýdyňlaşdyrma:

Bank jikme-jik hasaba alnyşda bu hasaplaryň pullaryň görnüşlerine, hyzmatdaş taraplara görä we olaryň dörän döwri boýunça seljermesini geçirmäge mümkinçilik berýän maglumat ulgamyny döretmelidir.

KLAS 1. ARAGATNAŞYK HASAPLARY WE «OWERNAÝT» DEPOZITLER

Topar 1. Aragatnaşyk hasaplary

Aktiw hasap **11101**

Hasabyň ady: Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky «Nostro» hasaplar

Ulanyjy: Täjirçilik banky

Hasabyň niýetlenilişi: Bankyň Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan aragatnaşyk hasaplaryndaky pul serişdeleriniň möçberini hasaba almak

Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri: *Hasaba alnyşda aktiwleri we passiwleri aýratyn görkezmek ýörelgesi:* Bu hasaplardaky galyndylara bankyň aktiwleri hökmünde garalýar we Türkmenistanyň Merkezi bankynyň öňündäki borçnama bolup durýan beýleki bir möçberler bilen özara ýapylmaga degişli däldir.

Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi: Hasaplar boýunça ýazgy tölegiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Pul serişdeleriniň gelip gowuşmagy	11101 Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky «Nostro» hasaplar	Ýörite ätiýaçlyklaryň (gorlaryň) hasaplaryndan başga, islendik hasaplar
Pul serişdeleriň geçirilmegi	Ýörite ätiýaçlyklaryň (gorlaryň) hasaplaryndan başga, islendik hasaplar	11101 Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky «Nostro» hasaplar

Aýdyňlaşdyrma:

Pul serişdelerine deňleşdirilen serişdeler - pul serişdeleriniň öňden belli möçberine çalt çalşylýan we olaryň bahasynyň üýtgemek töwekgelçiligine sähelçe sezewar bolan gysga möhletli, tölege ukyplylygy ýokary goýumlar (IAS 7 b.6)

Bank bu hasap boýunça öz balansyndaky galyndylary Türkmenistanyň Merkezi bankyndan alýan göçürmeleri bilen yzygider deňeşdirmelidir. Deň gelmeýan möçberleri jikme-jik seljerilip, hasaplaşyklary kadalaşdyrmak boýunça çäreler geçirmelidir.

Aktiw hasap	**11102**
Hasabyň ady:	Beýleki bank edaralaryndaky «Nostro» hasaplar
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Bankyň bank edaralarynda, Türkmenistanyň Merkezi bankyndan başgalarynda, açylan aragatnaşyk hasaplaryndaky pul serişdeleriniň möçberini hasaba almak
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaba alnyşda aktiwleri we passiwleri aýratyn görkezmek ýörelgesi:* Bu hasaplardaky galyndylara bankyň aktiwleri hökmünde garalýar we bank edaralaryň öňündäki borçnama bolup durýan beýleki bir möçberler bilen özara ýapylmaga degişli däldir. *Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy tölegiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Pul serişdeleriniň gelip gowuşmagy	11102 Beýleki bank edaralaryndaky «Nostro» hasaplar	Ýörite ätiýaçlyklaryň (gorlaryň) hasaplaryndan başga, islendik hasaplar
Pul serişdeleriň geçirilmegi	Ýörite ätiýaçlyklaryň (gorlaryň) hasaplaryndan başga, islendik hasaplar	11102 Beýleki bank edaralaryndaky «Nostro» hasaplar

Aýdyňlaşdyrma:

Pul serişdelerine deňleşdirilen serişdeler - pul serişdeleriniň öňden belli möçberine çalt çalşylýan we olaryň bahasynyň üýtgemek töwekgelçiligine sähelçe sezewar bolan gysga möhletli, tölege ukyplylygy ýokary goýumlar (IAS 7 b.6)

Bank bu hasap boýunça öz balansyndaky galyndylary bank edaralaryndan alýan göçürmeleri bilen yzygider deňeşdirmelidir. Deň gelmeýan möçberleri jikme-jik seljerilip, hasaplaşyklary kadalaşdyrmak boýunça çäreler geçirmelidir.

Bankyň jikme-jik hasaba alnyşynda aktiwleriň hyzmatdaş taraplara görä seljermesini geçirmäge mümkinçilik berýän maglumat ulgamyny döretmek maslahat berilýär.

Topar 2. «Owernaýt» depozitleri

Aktiw hasap	**11201**
Hasabyň ady:	Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky «owernaýt» depozitleri
Ulanyjy:	Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Iş günüň yzyndan gelýän bir gijelik Türkmenistanyň Merkezi bankynda ýerleşdirlen «owernaýt» depozitleriň möçberini hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy tölegiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Depozitlerde ýerleşdirilmegi	11201 Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky «owernaýt» depozitleri	11101 Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky «Nostro» hasaplar
Depozitleriň gaýtarylmagy	11101 Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky «Nostro» hasaplar	11201 Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky «owernaýt» depozitleri

Aýdyňlaşdyrma:

Pul serişdelerine deňleşdirilen serişdeler - pul serişdeleriniň öňden belli möçberine çalt çalşylýan we olaryň bahasynyň üýtgemek töwekgelçiligine sähelçe sezewar bolan gysga möhletli, tölege ukyplylygy ýokary goýumlar (IAS 7 b.6)

Aktiw hasap	**11202**
Hasabyň ady:	Beýleki bank edaralaryndaky «owernaýt» depozitleri
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Iş günüň yzyndan gelýän bir gijelik beýleki bank edaralarynda ýerleşdirlen «owernaýt» depozitleriň möçberini hasaba almak.

Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy tölegiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Depozitlerde ýerleşdirilmegi	11202 Beýleki bank edaralaryndaky «owernaýt» depozitleri	11101-11102 Aragatnaşyk hasaplary 21101-21102 Aragatnaşyk hasaplary
Depozitleriň gaýtarylmagy	11101-11102 Aragatnaşyk hasaplary 21101-21102 Aragatnaşyk hasaplary	11202 Beýleki bank edaralaryndaky «owernaýt» depozitleri

Aýdyňlaşdyrma:

Pul serişdelerine deňleşdirilen serişdeler - pul serişdeleriniň öňden belli möçberine çalt çalşylýan we olaryň bahasynyň üýtgemek töwekgelçiligine sähelçe sezewar bolan gysga möhletli, tölege ukyplylygy ýokary goýumlar (IAS 7 b.6)

Bankyň jikme-jik hasaba alnyşynda aktiwleriň hyzmatdaş taraplara görä seljermesini geçirmäge mümkinçilik berýän maglumat ulgamyny döretmek maslahat berilýär.

KLAS 2. SATLYK GYMMATLY KAGYZLAR

Topar 1. Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlar

Aktiw hasap	**12101**
Hasabyň ady:	Döwletiň gymmatly kagyzlary (satmak üçin niýetlenen)
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Satmak üçin niýetlenen, döwletiň gymmatly kagyzlarynyň ýüzünde görkezilen bahasyny hasaba almak
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Seresaplylyk ýörelgesi:* Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlary adalatly bahadan hasaba almak bilen, netijeleri hasabat döwrüň peýdalarynyň we ýitgileriniň hasaplaryna eltilýär. *Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy gymmatly kagyzlaryň alnan/ugradylan ýa-da pul serişdeleriň giden/gelen senesine garamazdan, geleşigiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Gymmatly kagyzlaryň satyn alynmagy		
Gymmatly kagyzlaryň ykrar edilmegi	12101 Döwletiň gymmatly kagyzlary (satmak üçin niýetlenen)	28205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar 19205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar
Gymmatly kagyzlaryň ýerlenmegi		
täzeden hasaplanmagy geçirilmedik sylagyň möçberine	12101 Döwletiň gymmatly kagyzlary (satmak üçin niýetlenen)	12104 Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlar boýunça sylag
täzeden hasaplanmagy geçirilmedik indirimiň möçberine	12103 Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlar boýunça indirim	12101 Döwletiň gymmatly kagyzlary (satmak üçin niýetlenen)
bazar bahasynyň oňyn üýtgemeginiň toplanan möçberine (galyndy 12105 hasabynda bolan ýagdaýynda)	12101 Döwletiň gymmatly kagyzlary (satmak üçin niýetlenen)	12105 Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlaryň bazar (adalatly) bahasynyň üýtgemegi (oňyn üýtgemegi)
bazar bahasynyň oňyn däl üýtgemeginiň toplanan möçberine (galyndy 12106 hasabynda bolan ýagdaýynda)	12106 Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlaryň bazar (adalatly) bahasynyň üýtgemegi (oňyn däl üýtgemegi)	12101 Döwletiň gymmatly kagyzlary (satmak üçin niýetlenen)
gymmatly kagyzlaryň hasaba alnyş bahasyna	28205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar 19205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar	12101 Döwletiň gymmatly kagyzlary (satmak üçin niýetlenen)

Emitentiň üzülişmegi		
gymmatly kagyzlaryň hasaba alnyş bahasyna	19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar	12101 Döwletiň gymmatly kagyzlary (satmak üçin niýetlenen)

Aýdyňlaşdyrma:

Bazar bahalarynyň üýtgemelerini göz öňünde tutmak üçin, banklar gymmatly kagyzlaryň bazar bahasyna laýyklykda olary täzeden bahalandyrylmagyny geçirmelidirler. Bank täzeden bahalandyrma üçin ulanan, gymmatly kagyzlaryň bahalary baradaky resminamalaryny gorap saklamalydyr.

Bankyň jikme-jik hasaba alnyşynda aktiwleriň hyzmatdaş taraplara görä seljermesini geçirmäge mümkinçilik berýän maglumat ulgamyny döretmek maslahat berilýär.

Aktiw hasap	**12102**
Hasabyň ady:	Beýleki borçnamalaýyn we paýly gymmatly kagyzlary (satmak üçin niýetlenen)
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Satmak üçin niýetlenen, beýleki borçnamalaýyn we paýly gymmatly kagyzlarynyň ýüzünde görkezilen bahasyny hasaba almak
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Seresaplylyk ýörelgesi:* Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlary adalatly bahadan hasaba almak bilen, netijeleri hasabat döwrüň peýdalarynyň we ýitgileriniň hasaplaryna eltilýär. *Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy gymmatly kagyzlaryň alnan/ugradylan ýa-da pul serişdeleriň giden/gelen senesine garamazdan, geleşigiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.
Bir ülňidäki geçirmeler:	

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Gymmatly kagyzlaryň satyn alynmagy		
Gymmatly kagyzlaryň ykrar edilmegi	12102 Beýleki borçnamalaýyn we paýly gymmatly kagyzlary (satmak üçin niýetlenen)	28205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar 19205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar

Gymmatly kagyzlaryň ýerlenmegi		
- täzeden hasaplanmagy geçirilmedik sylagyň möçberine	12102 Beýleki borçnamalaýyn we paýly gymmatly kagyzlary (satmak üçin niýetlenen)	12104 Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlar boýunça sylag
- täzeden hasaplanmagy geçirilmedik indirimiň möçberine	12103 Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlar boýunça indirim	12102 Beýleki borçnamalaýyn we paýly gymmatly kagyzlary (satmak üçin niýetlenen)
bazar bahasynyň oňyn üýtgemeginiň toplanan möçberine (galyndy 12105 hasabynda bolan ýagdaýynda)	12102 Beýleki borçnamalaýyn we paýly gymmatly kagyzlary (satmak üçin niýetlenen)	12105 Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlaryň bazar (adalatly) bahasynyň üýtgemegi (oňyn üýtgemegi)
bazar bahasynyň oňyn däl üýtgemeginiň toplanan möçberine (galyndy 12106 hasabynda bolan ýagdaýynda)	12106 Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlaryň bazar (adalatly) bahasynyň üýtgemegi (oňyn däl üýtgemegi)	12102 Beýleki borçnamalaýyn we paýly gymmatly kagyzlary (satmak üçin niýetlenen)
gymmatly kagyzlaryň hasaba alnyş bahasyna	28205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar 19205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar	12102 Beýleki borçnamalaýyn we paýly gymmatly kagyzlary (satmak üçin niýetlenen)
Emitentiň üzülişmegi		
gymmatly kagyzlaryň hasaba alnyş bahasyna	19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar	12102 Beýleki borçnamalaýyn we paýly gymmatly kagyzlary (satmak üçin niýetlenen)

Aýdyňlaşdyrma:

Bazar bahalaryň üýtgemelerini göz öňünde tutmak üçin, banklar gymmatly kagyzlaryň bazar bahasyna laýyklykda olary täzeden bahalandyrylmagyny geçirmelidirler. Bank täzeden bahalandyrma üçin ulanan, gymmatly kagyzlaryň bahalary baradaky resminamalaryny gorap saklamalydyr.

Bankyň jikme-jik hasaba alnyşynda aktiwleriň hyzmatdaş taraplara görä seljermesini geçirmäge mümkinçilik berýän maglumat ulgamyny döretmek maslahat berilýär.

Aktiwe garşylyklaýyn hasap	**12103**
Hasabyň ady:	Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlar boýunça indirim
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlaryň ýüzünde görkezilen bahasynyň olaryň satyn alnan bahasyndan artýan möçberini hasaba almak (indirim)
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaplama ýörelgesi:* Indirimiň we sylagyň täzeden hasaplanylmagyndan girdejiler we çykdajylar tölegiň möhletine bagly bolmazdan, olaryň degişli döwründe hasaba alynýar. *Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy gymmatly kagyzlaryň alnan/ugradylan ýa-da pul serişdeleriň giden/gelen senesine garamazdan, geleşigiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.
Bir ülňidäki geçirmeler:	

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Gymmatly kagyzlaryň satyn alynmagy		
Indirimiň ykrar edilmegi	12101 Döwletiň gymmatly kagyzlary (satmak üçin niýetlenen) 12102 Beýleki borçnamalaýyn we paýly gymmatly kagyzlary (satmak üçin niýetlenen)	12103 Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlar boýunça indirim
Gymmatly kagyzlaryň ýerlenmegi		
-täzeden hasaplanmagy geçirilmedik indirimiň möçberine	12103 Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlar boýunça indirim	12101 Döwletiň gymmatly kagyzlary (satmak üçin niýetlenen) 12102 Beýleki borçnamalaýyn we paýly gymmatly kagyzlary (satmak üçin niýetlenen)
Täzeden hasaplanmagyndan girdejileriň ykrar edilmegi		
Indirimiň täzeden hasaplanmagy	12103 Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlar boýunça indirim	41702 Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlar boýunça indirimiň täzeden hasaplanmagyndan girdejiler

Aýdyňlaşdyrma:

Gymmatly kagyzlar ilkibaşda geleşik boýunça gymmatly kagyzlaryň satyn alynmagy bilen göni baglanyşykly çykdajylary göz öňünde tutup, ýüzünde görkezilen bahasy boýunça hasaba alynýar. Harajatlar çylşyrymly göterim derejesi boýunça täzeden hasaplanyp girdejilere/çykdajylara eltilýär.

Bankyň jikme-jik hasaba alnyşynda aktiwleriň hyzmatdaş taraplara görä seljermesini geçirmäge mümkinçilik berýän maglumat ulgamyny döretmek maslahat berilýär.

Aktiw hasap	**12104**
Hasabyň ady:	Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlar boýunça sylag
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlaryň satyn alnan bahasynyň olaryň ýüzünde görkezilen bahasyndan artýan möçberini hasaba almak (sylag)
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaplama ýörelgesi:* Indirimiň we sylagyň täzeden hasaplanylmagyndan girdejiler we çykdajylar tölegiň möhletine bagly bolmazdan, olaryň degişli döwründe hasaba alynýar. *Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy gymmatly kagyzlaryň alnan/ugradylan ýa-da pul serişdeleriň giden/gelen senesine garamazdan, geleşigiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Gymmatly kagyzlaryň satyn alynmagy		
Sylagyň ykrar edilmegi	12104 Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlar boýunça sylag	12101 Döwletiň gymmatly kagyzlary (satmak üçin niýetlenen) 12102 Beýleki borçnamalaýyn we paýly gymmatly kagyzlary (satmak üçin niýetlenen)
Gymmatly kagyzlaryň ýerlenmegi		
Täzeden hasaplanmagy geçirilmedik sylagyň möçberine	12101 Döwletiň gymmatly kagyzlary (satmak üçin niýetlenen) 12102 Beýleki borçnamalaýyn we paýly gymmatly kagyzlary (satmak üçin niýetlenen)	12104 Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlar boýunça sylag

Täzeden hasaplanmagyndan girdejileriň ykrar edilmegi		
Sylagyň täzeden hasaplanmagy	51703 Satmak üçin niýetlenilen gymmatly kagyzlar boýunça sylagyň täzeden hasaplanmagyndan çykdajylar	12104 Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlar boýunça sylag

Aýdyňlaşdyrma:

Gymmatly kagyzlar ilkibaşda geleşik boýunça gymmatly kagyzlaryň satyn alynmagy bilen göni baglanyşykly harajatlary göz öňünde tutup, ýüzünde görkezilen bahasy boýunça hasaba alynýar. Harajatlar çylşyrymly göterim derejesi boýunça täzeden hasaplanyp girdejilere/çykdajylara eltilýär.

Bankyň jikme-jik hasaba alnyşynda aktiwleriň hyzmatdaş taraplara görä seljermesini geçirmäge mümkinçilik berýän maglumat ulgamyny döretmek maslahat berilýär.

Aktiw hasap	**12105**
Hasabyň ady:	Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlaryň bazar (adalatly) bahasynyň üýtgemegi (oňyn üýtgemegi)
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlaryň bahasynyň üýtgemeginden ýerlenmedik girdejileri hasaba almak
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaplama ýörelgesi:* Gymmatly kagyzlaryň bazar (adalatly) bahasynyň üýtgemegi bilen baglanyşykly ähli girdejiler we çykdajylar olaryň dörän döwründe girdejileriň we çykdajylaryň hasaplaryna eltilýär. *Seresaplylyk ýörelgesi:* Gymmatly kagyzlar her hasabat senesine adalatly (bazar) bahasyna görä täzeden bahalandyrylmalydyr . *Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy gymmatly kagyzlaryň alnan/ugradylan ýa-da pul serişdeleriň giden/gelen senesine garamazdan, geleşigiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Täzeden bahalandyrylmagy (adalatly bahasynyň ýokarlanmagy)	12105 Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlaryň bazar (adalatly) bahasynyň üýtgemegi (oňyn üýtgemegi)	46103 Gymmatly kagyzlaryň bahasynyň üýtgemeginden alnan girdejiler

Düzediş girizilmegi (üýtgemegiň az möçberine)	12106 Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlaryň bazar (adalatly) bahasynyň üýtgemegi (oňyn däl üýtgemegi)	12105 Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlaryň bazar (adalatly) bahasynyň üýtgemegi (oňyn üýtgemegi)
Gymmatly kagyzlaryň ýerlenmegi		
bazar bahasynyň oňyn üýtgemeginiň toplanan möçberine	12101 Döwletiň gymmatly kagyzlary (satmak üçin niýetlenen) 12102 Beýleki borçnamalaýyn we paýly gymmatly kagyzlary (satmak üçin niýetlenen)	12105 Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlaryň bazar (adalatly) bahasynyň üýtgemegi (oňyn üýtgemegi)

Aýdyňlaşdyrma:

Bazar bahalaryň üýtgemelerini göz öňünde tutmak üçin, banklar gymmatly kagyzlaryň bazar bahasyna laýyklykda olary täzeden bahalandyrylmagyny geçirmelidirler. Bank täzeden bahalandyrma üçin ulanan, gymmatly kagyzlaryň bahalary baradaky resminamalaryny gorap saklamalydyr.

Bankyň jikme-jik hasaba alnyşynda aktiwleriň hyzmatdaş taraplara görä seljermesini geçirmäge mümkinçilik beryän maglumat ulgamyny döretmek maslahat berilýär.

Aktiwe garşylyklaýyn hasap	**12106**
Hasabyň ady:	Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlaryň bazar (adalatly) bahasynyň üýtgemegi (oňyn däl üýtgemegi) (Kontraktiw/ aktiwe garşylyklaýyn)
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlaryň bahasynyň üýtgemeginden ýerlenmedik çykdajylary hasaba almak
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaplama ýörelgesi:* Gymmatly kagyzlaryň bazar (adalatly) bahasynyň üýtgemegi bilen baglanyşykly ähli girdejiler we çykdajylar olaryň dörän döwründe girdejileriň we çykdajylaryň hasaplaryna eltilýär. *Seresaplylyk ýörelgesi:* Gymmatly kagyzlar her hasabat senesine adalatly (bazar) bahasyna görä täzeden bahalandyrylmalydyr . *Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy gymmatly kagyzlaryň alnan/ ugradylan ýa-da pul serişdeleriň giden/gelen senesine garamazdan, geleşigiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Täzeden bahalandyrylmagy (adalatly bahasynyň peselmegi)	56103 Gymmatly kagyzlaryň bahasynyň üýtgemeginden çykdajylar	12106 Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlaryň bazar (adalatly) bahasynyň üýtgemegi (oňyn däl üýtgemegi)
Düzediş girizilmegi (üýtgemegiň az möçberine)	12106 Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlaryň bazar (adalatly) bahasynyň üýtgemegi (oňyn däl üýtgemegi)	12105 Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlaryň bazar (adalatly) bahasynyň üýtgemegi (oňyn üýtgemegi)
Gymmatly kagyzlaryň ýerlenmegi		
bazar bahasynyň oňyn däl üýtgemeginiň toplanan möçberine	12106 Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlaryň bazar (adalatly) bahasynyň üýtgemegi (oňyn däl üýtgemegi)	12101 Döwletiň gymmatly kagyzlary (satmak üçin niýetlenen) 12102 Beýleki borçnamalaýyn we paýly gymmatly kagyzlary (satmak üçin niýetlenen)

Aýdyňlaşdyrma:

Bazar bahalaryň üýtgemelerini göz öňünde tutmak üçin, banklar gymmatly kagyzlaryň bazar bahasyna laýyklykda olary täzeden bahalandyrylmagyny geçirmelidirler. Bank täzeden bahalandyrma üçin ulanan, gymmatly kagyzlaryň bahalary baradaky resminamalaryny gorap saklamalydyr.

Bankyň jikme-jik hasaba alnyşynda aktiwleriň hyzmatdaş taraplara görä seljermesini geçirmäge mümkinçilik berýän maglumat ulgamyny döretmek maslahat berilýär.

Aktiw hasap	**12107**
Hasabyň ady:	Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlaryň öňki saklaýjylarynyň hasaplan göterimleri
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlaryň olary satyn almazdan öň öňki saklaýjylaryň hasaplan göterimlerini hasaba almak
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaplama ýörelgesi:* Gymmatly kagyzlar bilen baglanşykly ähli girdejiler we çykdajylar degişli döwrüniň girdejileriň we çykdajylaryň hasaplarynda hasaba alynýar. *Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy gymmatly kagyzlaryň alnan/ugradylan ýa-da pul serişdeleriň giden/gelen senesine garamazdan, geleşigiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Gymmatly kagyzlaryň satyn alynmagy		
Öňki saklaýjylaryň hasaplan göterimleriň ykrar edilmegi	12107 Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlaryň öňki saklaýjylarynyň hasaplan göterimleri	28205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar 19205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar
Gymmatly kagyzlaryň ýerlenmegi		
Öňki saklaýjylaryň hasaplan göterimleriniň möçberine	28205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar 19205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar	12107 Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlaryň öňki saklaýjylarynyň hasaplan göterimleri
Emitentiň üzülişmegi		
	19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar	12107 Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlaryň öňki saklaýjylarynyň hasaplan göterimleri

Aýdyňlaşdyrma:

Gymmatly kagyzlar ilkibaşda geleşik boýunça gymmatly kagyzlaryň satyn alynmagy bilen göni baglanyşykly çykdajylary göz öňünde tutup, ýüzünde görkezilen bahasy boýunça hasaba alynýar. Harajatlar çylşyrymly göterim derejesi boýunça täzeden hasaplanyp girdejilere/çykdajylara eltilýär.

Bankyň jikme-jik hasaba alnyşynda aktiwleriň hyzmatdaş taraplara görä seljermesini geçirmäge mümkinçilik berýän maglumat ulgamyny döretmek maslahat berilýär.

KLAS 3. MALIÝE GURLUŞLARA BOLAN TALAPLAR

Topar 1. Türkmenistanyň Merkezi bankyna bolan talaplar

Aktiw hasap	**13101**
Hasabyň ady:	Türkmenistanyň Merkezi bankyna bolan talaplar - Depozitler
Ulanyjy:	Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Türkmenistanyň Merkezi bankynda ýerleşdirlen depozitleriň hasabyny alyp barmak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaba alnyşda aktiwleri we passiwleri aýratyn görkezmek ýörelgesi:* Bu hasaplardaky galyndylara bankyň aktiwleri hökmünde garalýar we Türkmenistanyň Merkezi bankynyň öňündäki borçnama bolup durýan beýleki bir möçberler bilen özara ýapylmaga degişli däldir. *Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy tölegiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Talaplaryň ykrar edilmegi	13101 Türkmenistanyň Merkezi bankyna bolan talaplar - Depozitler	11101 Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky «Nostro» hasaplar
Talaplaryň gaýtarylmagy	11101 Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky «Nostro» hasaplar	13101 Türkmenistanyň Merkezi bankyna bolan talaplar - Depozitler

Aýdyňlaşdyrma:

Bankyň maliýe hasabatlaryna bildirilýän talaplary kanagatlandyrmak zerurlygy bilen baglylykda, hasaplaryň jikme-jik ulgamy maliýe aktiwleri üzüliş möhletleri boýunça seljermek üçin maglumat bilen üpjün eder ýaly görnüşde gurnalmalydyr.

Aktiw hasap	**13102**
Hasabyň ady:	Türkmenistanyň Merkezi bankyna bolan talaplar - Beýleki talaplar
Ulanyjy:	Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Türkmenistanyň Merkezi bankyna bolan beýleki talaplaryň pul serişdelerini hasaba amak
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaba alnyşda aktiwleri we passiwleri aýratyn görkezmek ýörelgesi:* Bu hasaplardaky galyndylara bankyň aktiwleri hökmünde garalýar we Türkmenistanyň Merkezi bankynyň öňündäki borçnama bolup durýan beýleki bir möçberler bilen özara ýapylmaga degişli däldir.

Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi: Hasaplar boýunça ýazgy tölegiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Talaplaryň ykrar edilmegi	13102 Türkmenistanyň Merkezi bankyna bolan talaplar - Beýleki talaplar	11101 Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky «Nostro» hasaplar
Talaplaryň gaýtarylmagy	11101 Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky «Nostro» hasaplar	13102 Türkmenistanyň Merkezi bankyna bolan talaplar - Beýleki talaplar

Aýdyňlaşdyrma:

Bankyň maliýe hasabatlaryna bildirilýän talaplary kanagatlandyrmak zerurlygy bilen baglylykda, hasaplaryň jikme-jik ulgamy maliýe aktiwleri üzüliş möhletleri boýunça seljermek üçin maglumat bilen üpjün eder ýaly görnüşde gurnalmalydyr.

Aktiwe garşylyklaýyn hasap	**13103**
Hasabyň ady:	Türkmenistanyň Merkezi bankyna bolan talaplar boýunça indirim
Ulanyjy:	Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Türkmenistanyň Merkezi bankyna bolan talaplar boýunça gaýtarylýan pul serişdeleriniň hakyky ýerleşdirlen serişdelerinden artýan möçberini hasaba almak (indirim).
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaplama ýörelgesi:* Indirimiň we sylagyň täzeden hasaplanylmagyndan girdejiler we çykdajylar tölegiň möhletine bagly bolmazdan, olaryň degişli döwründe hasaba alynýar.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Indirimiň ykrar edilmegi	19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar	13103 Türkmenistanyň Merkezi bankyna bolan talaplar boýunça indirim
Indirimiň täzeden hasaplanmagy	13103 Türkmenistanyň Merkezi bankyna bolan talaplar boýunça indirim	41303 Türkmenistanyň Merkezi bankyna bolan talaplar boýunça indirimiň täzeden hasaplanmagyndan girdejiler

Aýdyňlaşdyrma:

Ýerleşdirlen karzlar/goýumlar ilkibaşda geleşik boýunça maliýe aktiwiň döremegi bilen göniden-göni baglanyşykly çykdajylary göz öňünde tutup, hakyky bahasyndan hasaba alynýar. Harajatlar çylşyrymly göterim derejesi boýunça täzeden hasaplanyp girdejilere/çykdajylara eltilýär.

Aktiw hasap	**13104**
Hasabyň ady:	Türkmenistanyň Merkezi bankyna bolan talaplar boýunça sylag
Ulanyjy:	Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Türkmenistanyň Merkezi bankynda hakyky ýerleşdirlen serişdeleriň (geleşik boýunça çykdajylary göz öňünde tutmak bilen) möçberiniň şol talaplar boýunça gaýtarylýan pul serişdelerinden ýokary geçýän möçberini hasaba almak (sylag).
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaplama ýörelgesi:* Indirimiň we sylagyň täzeden hasaplanylmagyndan girdejiler we çykdajylar tölegiň möhletine bagly bolmazdan, olaryň degişli döwründe hasaba alynýar.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Sylagyň ykrar edilmegi	13104 Türkmenistanyň Merkezi bankyna bolan talaplar boýunça sylag	19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar
Sylagyň täzeden hasaplanmagy	51303 Türkmenistanyň Merkezi bankyna bolan talaplar boýunça sylagyň täzeden hasaplanmagyndan çykdajylar	13104 Türkmenistanyň Merkezi bankyna bolan talaplar boýunça sylag

Aýdyňlaşdyrma:

Ýerleşdirlen karzlar/goýumlar ilkibaşda geleşik boýunça maliýe aktiwiň döremegi bilen göniden-göni baglanyşykly çykdajylary göz öňünde tutup, hakyky bahasyndan hasaba alynýar. Harajatlar çylşyrymly göterim derejesi boýunça täzeden hasaplanyp girdejilere/çykdajylara eltilýär.

Aktiw hasap	**13109**
Hasabyň ady:	Hökmany ätiýaçlyklaryň hasaplary
Ulanyjy:	Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Türkmenistanyň çäginde döredilen banklaryna Türkmenistanyň Merkezi bankynda hökmany ätiýaçlyklaryň hemişelik rugsat berilýän iň az derejesini saklamaga borçlandyrýan kadalaşdyryjy resminamalara laýyklykda, Türkmenistanyň Merkezi bankynda ýerleşdirlen pul serişdelerini hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy tölegiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Ätiýaçlyklaryň möçberini ýokarlandyrmak	13109 Hökmany ätiýaçlyklaryň hasaplary	11101 Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky «Nostro» hasaplar
Ätiýaçlyklaryň möçberini azaltmak	11101 Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky «Nostro» hasaplar	13109 Hökmany ätiýaçlyklaryň hasaplary

Aýdyňlaşdyrma:

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň hökmany ätiýaçlyklaryň rugsat berilýän iň az derejesiniň möçberini hasaplamagy bellenen tertibine laýyklykda hasaplap, olara yzygiderli geçirilýän düzedişlere görä bu hasabyň debeti ýa-da krediti boýunça ýazgy geçirilmelidir.

Topar 2. Halkara guramalaryna bolan talaplar

Aktiw hasap	**13201**
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaplama ýörelgesi:* Gymmatly kagyzlaryň bazar (adalatly) bahasynyň üýtgemegi bilen baglanyşykly ähli girdejiler we çykdajylar olaryň dörän döwründe girdejileriň we çykdajylaryň hasaplaryna eltilýär. *Seresaplylyk ýörelgesi:* Gymmatly kagyzlar her hasabat senesine adalatly (bazar) bahasyna görä täzeden bahalandyrylmalydyr . *Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy gymmatly kagyzlaryň alnan/ugradylan ýa-da pul serişdeleriň giden/gelen senesine garamazdan, geleşigiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Täzeden bahalandyrylmagy (adalatly bahasynyň ýokarlanmagy)	15106 Satmak üçin bar bolan gymmatly kagyzlaryň bazar (adalatly) bahasynyň üýtgemegi (oňyn üýtgemegi)	32202 Gymmatly kagyzlaryň bahasynyň täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory
Düzediş girizilmegi (üýtgemegiň az möçberine)	15107 Satmak üçin bar bolan gymmatly kagyzlaryň bazar (adalatly) bahasynyň üýtgemegi (oňyn däl üýtgemegi)	15106 Satmak üçin bar bolan gymmatly kagyzlaryň bazar (adalatly) bahasynyň üýtgemegi (oňyn üýtgemegi)

Gymmatly kagyzlaryň ýerlenmegi bazar bahasynyň oňyn üýtgemeginiň toplanan möçberine	15101 Döwletiň gymmatly kagyzlary (satmak üçin bar bolan) 15102 Gaýry emitentleriň borçnamalaýyn gymmatly kagyzlary (satmak üçin bar bolan) 15103 Paýly gymmatly kagyzlar (satmak üçin bar bolan)	12105 Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlaryň bazar (adalatly) bahasynyň üýtgemegi (oňyn üýtgemegi)

Aýdyňlaşdyrma:

Gymmatly kagyzlar ilkibaşda geleşik boýunça gymmatly kagyzlaryň satyn alynmagy bilen göni baglanyşykly çykdajylary göz öňünde tutup, ýüzünde görkezilen bahasy boýunça hasaba alynýar. Harajatlar çylşyrymly göterim derejesi boýunça täzeden hasaplanyp girdejilere/çykdajylara eltilýär.

Bankyň jikme-jik hasaba alnyşynda aktiwleriň hyzmatdaş taraplara görä seljermesini geçirmäge mümkinçilik berýän maglumat ulgamyny döretmek maslahat berilýär.

Aktiwe garşylyklaýyn hasap	**15107**
Hasabyň ady:	Satmak üçin bar bolan gymmatly kagyzlaryň bazar (adalatly) bahasynyň üýtgemegi (oňyn däl üýtgemegi)
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Satmak üçin bar bolan gymmatly kagyzlaryň bahasynyň üýtgemeginden ýerlenmedik çykdajylary hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaplama ýörelgesi:* Gymmatly kagyzlaryň bazar (adalatly) bahasynyň üýtgemegi bilen baglanyşykly ähli girdejiler we çykdajylar olaryň dörän döwründe girdejileriň we çykdajylaryň hasaplaryna eltilýär. *Seresaplylyk ýörelgesi:* Gymmatly kagyzlar her hasabat senesine adalatly (bazar) bahasyna görä täzeden bahalandyrylmalydyr . *Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy gymmatly kagyzlaryň alnan/ugradylan ýa-da pul serişdeleriň giden/gelen senesine garamazdan, geleşigiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Täzeden bahalandyrylmagy (adalatly bahasynyň peselmegi)	32202 Gymmatly kagyzlaryň bahasynyň täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory	15107 Satmak üçin bar bolan gymmatly kagyzlaryň bazar (adalatly) bahasynyň üýtgemegi (oňyn däl üýtgemegi)

Düzediş girizilmegi (üýtgemegiň az möçberine)	15107 Satmak üçin bar bolan gymmatly kagyzlaryň bazar (adalatly) bahasynyň üýtgemegi (oňyn däl üýtgemegi)	15106 Satmak üçin bar bolan gymmatly kagyzlaryň bazar (adalatly) bahasynyň üýtgemegi (oňyn üýtgemegi)
Gymmatly kagyzlaryň ýerlenmegi		
bazar bahasynyň oňyn üýtgemeginiň toplanan möçberine	15107 Satmak üçin bar bolan gymmatly kagyzlaryň bazar (adalatly) bahasynyň üýtgemegi (oňyn däl üýtgemegi)	15101 Döwletiň gymmatly kagyzlary (satmak üçin bar bolan) 15102 Gaýry emitentleriň borçnamalaýyn gymmatly kagyzlary (satmak üçin bar bolan) 15103 Paýly gymmatly kagyzlar (satmak üçin bar bolan)

Aýdyňlaşdyrma:

Gymmatly kagyzlar ilkibaşda geleşik boýunça gymmatly kagyzlaryň satyn alynmagy bilen göni baglanyşykly çykdajylary göz öňünde tutup, ýüzünde görkezilen bahasy boýunça hasaba alynýar. Harajatlar çylşyrymly göterim derejesi boýunça täzeden hasaplanyp girdejilere/çykdajylara eltilýär.

Bankyň jikme-jik hasaba alnyşynda aktiwleriň hyzmatdaş taraplara görä seljermesini geçirmäge mümkinçilik berýän maglumat ulgamyny döretmek maslahat berilýär.

Aktiw hasap	**15108**
Hasabyň ady:	Satmak üçin bar bolan gymmatly kagyzlaryň olary satyn almazdan öň öňki saklaýjylaryň hasaplan göterimlerini hasaba almak
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Satmak üçin bar bolan gymmatly kagyzlaryň olary satyn almazdan öň öňki saklaýjylaryň hasaplan göterimlerini hasaba almak
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaplama ýörelgesi:* Gymmatly kagyzlar bilen baglanşykly ähli girdejiler we çykdajylar degişli döwrüniň girdejileriň we çykdajylaryň hasaplarynda hasaba alynýar. *Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy gymmatly kagyzlaryň alnan/ugradylan ýa-da pul serişdeleriň giden/gelen senesine garamazdan, geleşigiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler: ***Amallar***	***Debet***	***Kredit***
Gymmatly kagyzlaryň satyn alynmagy		
Öňki saklaýjylaryň hasaplan göterimleriň ykrar edilmegi	15108 Satmak üçin bar bolan gymmatly kagyzlaryň öňki saklaýjylarynyň hasaplan göterimleri	28205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar 19205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar
Gymmatly kagyzlaryň ýerlenmegi		
Öňki saklaýjylaryň hasaplan göterimleriniň möçberine	28205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar 19205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar	15108 Satmak üçin bar bolan gymmatly kagyzlaryň öňki saklaýjylarynyň hasaplan göterimleri
Emitentiň üzülişmegi		
	19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar	15108 Satmak üçin bar bolan gymmatly kagyzlaryň öňki saklaýjylarynyň hasaplan göterimleri

Aýdyňlaşdyrma:

Gymmatly kagyzlar ilkibaşda geleşik boýunça gymmatly kagyzlaryň satyn alynmagy bilen göni baglanyşykly çykdajylary göz öňünde tutup, ýüzünde görkezilen bahasy boýunça hasaba alynýar. Harajatlar çylşyrymly göterim derejesi boýunça täzeden hasaplanyp girdejilere/çykdajylara eltilýär.

Bankyň jikme-jik hasaba alnyşynda aktiwleriň hyzmatdaş taraplara görä seljermesini geçirmäge mümkinçilik berýän maglumat ulgamyny döretmek maslahat berilýär.

Topar 2. Gymmatly kagyzlar bilen «Ters REPO» geleşikleri boýunça amallar

Aktiw hasap	**15201**
Hasabyň ady:	Türkmenistanyň Merkezi banky bilen «Ters REPO» amallary
Ulanyjy:	Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Türkmenistanyň Merkezi bankyndan amalyň açylan gününe, soňra olary bellenen bahadan satyja gaýtarmak borjy bilen, girew hökmünde alnan gymmatly kagyzlar bilen «ters REPO» amallary boýunça talaplaryň möçberini hasaba almak.

Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:

Hasaplama ýörelgesi: Gymmatly kagyzlar bilen «REPO» we «ters REPO» geleşikler boýunça girdejiler hem çykdajylar tölegiň möhletine bagly bolmazdan, degişli döwründe ykrar edilýär.

Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi: Hasaplar boýunça ýazgy tölegiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
«Ters REPO» geleşigiň açylmagy	15201 Türkmenistanyň Merkezi banky bilen «Ters REPO» amallary	11101 Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky «Nostro» hasaplar
«Ters REPO» geleşigiň ýapylmagy	11101 Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky «Nostro» hasaplar	15201 Türkmenistanyň Merkezi banky bilen «Ters REPO» amallary

Aýdyňlaşdyrma:

Eger maliýe aktiwiň satylmagy onuň bellenen bahasyndan ýa-da karz berijiniň girdejisini goşmak bilen, satylan bahasyndan yzyna satyn alynmagyny göz öňünde tutýan ylalaşygyň çäginde amala aşyrylan bolsa ýa-da maliýe aktiw ony beren tarapa gaýtarmagy göz öňünde tutýan ylalaşyk boýunça karz alynýan bolsa, maliýe aktiwiň ykrar edilmegi bes edilmeýär, sebäbi beren tarap şol aktiwe eýe bolmak bilen baglanyşykly töwekgelçiliklerіň we bähbitleriň (peýdalaryň) ähmiýetli bölegini özünde saklap galýar. Degişlilikde buhgalter hasabynda REPO we ters REPO amallary gymmatly kagyzlaryň üpjünçiligine berlen karz hökmünde hasaba alynýar.

Bankyň maliýe hasabatlaryna bildirilýän talaplary kanagatlandyrmak zerurlygy bilen baglylykda, hasaplaryň jikme-jik ulgamy maliýe aktiwleri üzüliş möhletleri boýunça seljermek üçin maglumat bilen üpjün eder ýaly görnüşde gurnalmalydyr.

Aktiw hasap **15202**

Hasabyň ady: Bank edaralary bilen «Ters REPO» amallary

Ulanyjy: Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky

Hasabyň niýetlenilişi: Bank edaralaryndan amalyň açylan gününe, soňra olary bellenen bahadan satyja gaýtarmak borjy bilen, girew hökmünde alnan gymmatly kagyzlar bilen «ters REPO» amallary boýunça talaplaryň möçberini hasaba almak.

Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:

Hasaplama ýörelgesi: Gymmatly kagyzlar bilen «REPO» we «ters REPO» geleşikler boýunça girdejiler hem çykdajylar tölegiň möhletine bagly bolmazdan, degişli döwründe ykrar edilýär.

Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi: Hasaplar boýunça ýazgy tölegiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
«Ters REPO» geleşigiň açylmagy	15202 Bank edaralary bilen «Ters REPO» amallary	11101-11102 Aragatnaşyk hasaplary 21101-21102 Aragatnaşyk hasaplary
«Ters REPO» geleşigiň ýapylmagy	11101-11102 Aragatnaşyk hasaplary 21101-21102 Aragatnaşyk hasaplary	15202 Bank edaralary bilen «Ters REPO» amallary

Aýdyňlaşdyrma:

Eger maliýe aktiwiň satylmagy onuň bellenen bahasyndan ýa-da karz berijiniň girdejisini goşmak bilen, satylan bahasyndan yzyna satyn alynmagyny göz öňünde tutýan ylalaşygyň çäginde amala aşyrylan bolsa ýa-da maliýe aktiw ony beren tarapa gaýtarmagy göz öňünde tutýan ylalaşyk boýunça karz alynýan bolsa, maliýe aktiwiň ykrar edilmegi bes edilmeýär, sebäbi beren tarap şol aktiwe eýe bolmak bilen baglanyşykly töwekgelçilikleriň we bähbitleriň (peýdalaryň) ähmiýetli bölegini özünde saklap galýar. Degişlilikde buhgalter hasabynda REPO we ters REPO amallary gymmatly kagyzlaryň üpjünçiligine berlen karz hökmünde hasaba alynýar.

Bankyň maliýe hasabatlaryna bildirilýän talaplary kanagatlandyrmak zerurlygy bilen baglylykda, hasaplaryň jikme-jik ulgamy maliýe aktiwleri üzüliş möhletleri boýunça seljermek üçin maglumat bilen üpjün eder ýaly görnüşde gurnalmalydyr.

Aktiw hasap	**15203**
Hasabyň ady:	Maliýe institutlary bilen «Ters REPO» amallary
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Maliýe institutlaryndan amalyň açylan gününe, soňra olary bellenen bahadan satyja gaýtarmak borjy bilen, girew hökmünde alnan gymmatly kagyzlar bilen «ters REPO» amallary boýunça talaplaryň möçberini hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaplama ýörelgesi:* Gymmatly kagyzlar bilen «REPO» we «ters REPO» geleşikler boýunça girdejiler hem çykdajylar tölegiň möhletine bagly bolmazdan, degişli döwründe ykrar edilýär. *Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy tölegiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.

Amallar	***Debet***	***Kredit***
«Ters REPO» geleşigiň açylmagy	15203 Maliýe institutlary bilen «Ters REPO» amallary	11101-11102 Aragatnaşyk hasaplary 21101-21103 Aragatnaşyk hasaplary

«Ters REPO» geleşigiň ýapylmagy	11101-11102 Aragatnaşyk hasaplary 21101-21103 Aragatnaşyk hasaplary	15203 Maliýe institutlary bilen «Ters REPO» amallary

Aýdyňlaşdyrma:

Eger maliýe aktiwiň satylmagy onuň bellenen bahasyndan ýa-da karz berijiniň girdejisini goşmak bilen, satylan bahasyndan yzyna satyn alynmagyny göz öňünde tutýan ylalaşygyň çäginde amala aşyrylan bolsa ýa-da maliýe aktiw ony beren tarapa gaýtarmagy göz öňünde tutýan ylalaşyk boýunça karz alynýan bolsa, maliýe aktiwiň ykrar edilmegi bes edilmeýär, sebäbi beren tarap şol aktiwe eýe bolmak bilen baglanyşykly töwekgelçilikleriň we bähbitleriň (peýdalaryň) ähmiýetli bölegini özünde saklap galýar. Degişlilikde buhgalter hasabynda REPO we ters REPO amallary gymmatly kagyzlaryň üpjünçiligine berlen karz hökmünde hasaba alynýar.

Bankyň maliýe hasabatlaryna bildirilýän talaplary kanagatlandyrmak zerurlygy bilen baglylykda, hasaplaryň jikme-jik ulgamy maliýe aktiwleri üzüliş möhletleri boýunça seljermek üçin maglumat bilen üpjün eder ýaly görnüşde gurnalmalydyr.

Aktiw hasap	**15204**
Hasabyň ady:	Maliýe däl gurluşlary bilen «Ters REPO» amallary
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Maliýe däl gurluşlaryndan amalyň açylan gününe, soňra olary bellenen bahadan satyja gaýtarmak borjy bilen, girew hökmünde alnan gymmatly kagyzlar bilen «ters REPO» amallary boýunça talaplaryň möçberini hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaplama ýörelgesi:* «REPO» we «Ters REPO» geleşikler boýunça girdejiler we çykdajylar olaryň alnan döwrüne garamazdan, degişli döwründe hasaba alynýar. *Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy tölegiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.

Amallar	***Debet***	***Kredit***
«Ters REPO» geleşigiň açylmagy	15204 Maliýe däl gurluşlary bilen «Ters REPO» amallary	11101-11102 Aragatnaşyk hasaplary 21102-21103 Aragatnaşyk hasaplary 23301-23304 Talap edilýänçä serişdeler
«Ters REPO» geleşigiň ýapylmagy	11101-11102 Aragatnaşyk hasaplary 21102-21103 Aragatnaşyk hasaplary 23301-23304 Talap edilýänçä serişdeler	15204 Maliýe däl gurluşlary bilen «Ters REPO» amallary

Aýdyňlaşdyrma:

Eger maliýe aktiwiň satylmagy onuň bellenen bahasyndan ýa-da karz berijiniň girdejisini goşmak bilen, satylan bahasyndan yzyna satyn alynmagyny göz öňünde tutýan ylalaşygyň çäginde amala aşyrylan bolsa ýa-da maliýe aktiw ony beren tarapa gaýtarmagy göz öňünde tutýan ylalaşyk boýunça karz alynýan bolsa, maliýe aktiwiň ykrar edilmegi bes edilmeýär, sebäbi beren tarap şol aktiwe eýe bolmak bilen baglanyşykly töwekgelçilikleriň we bähbitleriň (peýdalaryň) ähmiýetli bölegini özünde saklap galýar. Degişlilikde buhgalter hasabynda REPO we ters REPO amallary gymmatly kagyzlaryň üpjünçiligine berlen karz hökmünde hasaba alynýar.

Bankyň maliýe hasabatlaryna bildirilýän talaplary kanagatlandyrmak zerurlygy bilen baglylykda, hasaplaryň jikme-jik ulgamy maliýe aktiwleri üzüliş möhletleri boýunça seljermek üçin maglumat bilen üpjün eder ýaly görnüşde gurnalmalydyr.

Topar 3. Üzlüşilýänçä saklanýan gymmatly kagyzlar

Aktiw hasap	**15301**	
Hasabyň ady:	Döwletiň gymmatly kagyzlary (üzlüşilýänçä saklanýan)	
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky	
Hasabyň niýetlenilişi:	Üzlüşilýänçä saklamak maksady bilen satyn alnan döwletiň gymmatly kagyzlarynyň ýüzünde görkezilen bahasyny hasaba almak	
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaplama ýörelgesi:* Üzlüşilýänçä saklanýan gymmatly kagyzlary boýunça göterim girdejiler we çykdajylar olaryň alnan döwrüne garamazdan, degişli döwründe hasaba alynýar. *Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy gymmatly kagyzlaryň alnan/ugradylan ýa-da pul serişdeleriň giden/gelen senesine garamazdan, geleşigiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.	
Bir ülňidäki geçirmeler:		
Amallar	***Debet***	***Kredit***
Gymmatly kagyzlaryň satyn alynmagy		
Gymmatly kagyzlaryň ykrar edilmegi	15301 Döwletiň gymmatly kagyzlary (üzlüşilýänçä saklanýan)	28205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar 19205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar

Gymmatly kagyzlaryň ýerlenmegi		
-täzeden hasaplanmagy geçirilmedik sylagyň möçberine	15301 Döwletiň gymmatly kagyzlary (üzlüşilýänçä saklanýan)	15305 Üzlüşilýänçä saklanýan gymmatly kagyzlar boýunça sylag
-täzeden hasaplanmagy geçirilmedik indirimiň möçberine	15304 Üzlüşilýänçä saklanýan gymmatly kagyzlar boýunça indirim	15301 Döwletiň gymmatly kagyzlary (üzlüşilýänçä saklanýan)
-gymmatly kagyzlaryň hasaba alnyş bahasyna	28205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar 19205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar	15301 Döwletiň gymmatly kagyzlary (üzlüşilýänçä saklanýan)
Emitentiň üzülişmegi		
-gymmatly kagyzlaryň hasaba alnyş bahasyna	19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar 19205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar	15301 Döwletiň gymmatly kagyzlary (üzlüşilýänçä saklanýan)

Aýdyňlaşdyrma:

Bankyň maliýe hasabatlaryna bildirilýän talaplary kanagatlandyrmak zerurlygy bilen baglylykda, hasaplaryň jikme-jik ulgamy maliýe aktiwleri üzüliş möhletleri boýunça seljermek üçin maglumat bilen üpjün eder ýaly görnüşde gurnalmalydyr.

Bankyň jikme-jik hasaba alnyşynda aktiwleriň hyzmatdaş taraplara görä seljermesini geçirmäge mümkinçilik berýän maglumat ulgamyny döretmek maslahat berilýär.

Aktiw hasap	**15302**
Hasabyň ady:	Gaýry emitentleriň borçnamalaýyn gymmatly kagyzlary (üzlüşilýänçä saklanýan)
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Üzlüşilýänçä saklamak maksady bilen satyn alnan gaýry emitentleriň borçnamalaýyn gymmatly kagyzlarynyň ýüzünde görkezilen bahasyny hasaba almak
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaplama ýörelgesi:* Üzlüşilýänçä saklanýan gymmatly kagyzlary boýunça göterim girdejiler we çykdajylar olaryň alnan döwrüne garamazdan, degişli döwründe hasaba alynýar.

Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi: Hasaplar boýunça ýazgy gymmatly kagyzlaryň alnan/ugradylan ýa-da pul serişdeleriň giden/gelen senesine garamazdan, geleşigiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Gymmatly kagyzlaryň satyn alynmagy		
Gymmatly kagyzlaryň ykrar edilmegi	15302 Gaýry emitentleriň borçnamalaýyn gymmatly kagyzlary (üzlüşilýänçä saklanýan)	28205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar 19205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar
Gymmatly kagyzlaryň ýerlenmegi		
-täzeden hasaplanmagy geçirilmedik sylagyň möçberine	15302 Gaýry emitentleriň borçnamalaýyn gymmatly kagyzlary (üzlüşilýänçä saklanýan)	15305 Üzlüşilýänçä saklanýan gymmatly kagyzlar boýunça sylag
-täzeden hasaplanmagy geçirilmedik indirimiň möçberine	15304 Üzlüşilýänçä saklanýan gymmatly kagyzlar boýunça indirim	15302 Gaýry emitentleriň borçnamalaýyn gymmatly kagyzlary (üzlüşilýänçä saklanýan)
-gymmatly kagyzlaryň hasaba alnyş bahasyna	28205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar 19205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar	15302 Gaýry emitentleriň borçnamalaýyn gymmatly kagyzlary (üzlüşilýänçä saklanýan)
Emitentiň üzülişmegi		
-gymmatly kagyzlaryň hasaba alnyş bahasyna	19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar	15302 Gaýry emitentleriň borçnamalaýyn gymmatly kagyzlary (üzlüşilýänçä saklanýan)

Aýdyňlaşdyrma:

Bankyň maliýe hasabatlaryna bildirilýän talaplary kanagatlandyrmak zerurlygy bilen baglylykda, hasaplaryň jikme-jik ulgamy maliýe aktiwleri üzüliş möhletleri boýunça seljermek üçin maglumat bilen üpjün eder ýaly görnüşde gurnalmalydyr.

Bankyň jikme-jik hasaba alnyşynda aktiwleriň hyzmatdaş taraplara görä seljermesini geçirmäge mümkinçilik berýän maglumat ulgamyny döretmek maslahat berilýär.

Aktiwe garşylyklaýyn hasap	**15304**
Hasabyň ady:	Üzlüşilýänçä saklanýan gymmatly kagyzlar boýunça indirim (kontraktiw/aktiwe garşylyklaýyn hasap)
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Üzlüşilýänçä saklanýan gymmatly kagyzlaryň ýüzünde görkezilen bahasynyň olaryň satyn alnan bahasyndan artýan möçberini hasaba almak (indirim)
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaplama ýörelgesi*: Indirimiň we sylagyň täzeden hasaplanylmagyndan girdejiler we çykdajylar tölegiň möhletine bagly bolmazdan, olaryň degişli döwründe hasaba alynýar. *Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy gymmatly kagyzlaryň alnan/ugradylan ýa-da pul serişdeleriň giden/gelen senesine garamazdan, geleşigiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Gymmatly kagyzlaryň satyn alynmagy		
Indirimiň ykrar edilmegi	15301 Döwletiň gymmatly kagyzlary (üzlüşilýänçä saklanýan) 15202 Gaýry emitentleriň borçnamalaýyn gymmatly kagyzlary (üzlüşilýänçä saklanýan)	15304 Üzlüşilýänçä saklanýan gymmatly kagyzlar boýunça indirim
Gymmatly kagyzlaryň ýerlenmegi		
-täzeden hasaplanmagy geçirilmedik indirimiň möçberine	15304 Üzlüşilýänçä saklanýan gymmatly kagyzlar boýunça indirim	15301 Döwletiň gymmatly kagyzlary (üzlüşilýänçä saklanýan) 15202 Gaýry emitentleriň borçnamalaýyn gymmatly kagyzlary (üzlüşilýänçä saklanýan)

Täzeden hasaplanmagyndan girdejileriň ykrar edilmegi		
Indirimiň täzeden hasaplanmagy	15304 Üzlüşilýänçä saklanýan gymmatly kagyzlar boýunça indirim	41707 Üzlüşilýänçä saklanýan gymmatly kagyzlar boýunça indirimiň täzeden hasaplanmagyndan girdejiler

Aýdyňlaşdyrma:

Bankyň maliýe hasabatlaryna bildirilýän talaplary kanagatlandyrmak zerurlygy bilen baglylykda, hasaplaryň jikme-jik ulgamy maliýe aktiwleri üzüliş möhletleri boýunça seljermek üçin maglumat bilen üpjün eder ýaly görnüşde gurnalmalydyr.

Bankyň jikme-jik hasaba alnyşynda aktiwleriň hyzmatdaş taraplara görä seljermesini geçirmäge mümkinçilik berýän maglumat ulgamyny döretmek maslahat berilýär.

Aktiw hasap	**15305**
Hasabyň ady:	Üzlüşilýänçä saklanýan gymmatly kagyzlar boýunça sylag
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Üzlüşilýänçä saklanýan gymmatly kagyzlaryň satyn alnan bahasynyň olaryň ýüzünde görkezilen bahasyndan artýan möçberini hasaba almak (sylag)
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaplama ýörelgesi:* Indirimiň we sylagyň täzeden hasaplanylmagyndan girdejiler we çykdajylar tölegiň möhletine bagly bolmazdan, olaryň degişli döwründe hasaba alynýar. *Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy gymmatly kagyzlaryň alnan/ugradylan ýa-da pul serişdeleriň giden/gelen senesine garamazdan, geleşigiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Gymmatly kagyzlaryň satyn alynmagy		
Sylagyň ykrar edilmegi	15305 Üzlüşilýänçä saklanýan gymmatly kagyzlar boýunça sylag	15301 Döwletiň gymmatly kagyzlary (üzlüşilýänçä saklanýan) 15202 Gaýry emitentleriň borçnamalaýyn gymmatly kagyzlary (üzlüşilýänçä saklanýan)

Gymmatly kagyzlaryň ýerlenmegi		
-täzeden hasaplanmagy geçirilmedik sylagyň möçberine	15301 Döwletiň gymmatly kagyzlary (üzlüşilýänçä saklanýan) 15202 Gaýry emitentleriň borçnamalaýyn gymmatly kagyzlary (üzlüşilýänçä saklanýan)	15305 Üzlüşilýänçä saklanýan gymmatly kagyzlar boýunça sylag
Täzeden hasaplanmagyndan girdejileriň ykrar edilmegi		
Sylagyň täzeden hasaplanmagy	51705 Üzlüşilýänçä saklanýan gymmatly kagyzlar boýunça sylagyň täzeden hasaplanmagyndan çykdajylar	15305 Üzlüşilýänçä saklanýan gymmatly kagyzlar boýunça sylag

Aýdyňlaşdyrma:

Bankyň maliýe hasabatlaryna bildirilýän talaplary kanagatlandyrmak zerurlygy bilen baglylykda, hasaplaryň jikme-jik ulgamy maliýe aktiwleri üzüliş möhletleri boýunça seljermek üçin maglumat bilen üpjün eder ýaly görnüşde gurnalmalydyr.

Bankyň jikme-jik hasaba alnyşynda aktiwleriň hyzmatdaş taraplara görä seljermesini geçirmäge mümkinçilik berýän maglumat ulgamyny döretmek maslahat berilýär.

Aktiw hasap	**15306**
Hasabyň ady:	Üzlüşilýänçä saklanýan gymmatly kagyzlar boýunça öňki saklaýjylaryň hasaplan sylag haky
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Üzlüşilýänçä saklanýan gymmatly kagyzlaryň olary satyn almazdan öň öňki saklaýjylaryň hasaplan göterimlerini hasaba almak
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaplama ýörelgesi:* Gymmatly kagyzlar bilen baglanşykly ähli girdejiler we çykdajylar degişli döwrüniň girdejileriň we çykdajylaryň hasaplarynda hasaba alynýar. *Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy gymmatly kagyzlaryň alnan/ugradylan ýa-da pul serişdeleriň giden/gelen senesine garamazdan, geleşigiň amala aşyrylan senesine laýyklykda geçirilmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Gymmatly kagyzlaryň satyn alynmagy		
Öňki saklaýjylaryň hasaplan göterimleriň ykrar edilmegi	15306 Üzlüşilýänçä saklanýan gymmatly kagyzlaryň olary satyn almazdan öň öňki saklaýjylaryň hasaplan göterimlerini hasaba almak	28205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar 19205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar
Gymmatly kagyzlaryň ýerlenmegi		
Öňki saklaýjylaryň hasaplan göterimleriniň möçberine	28205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar 19205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar	15306 Üzlüşilýänçä saklanýan gymmatly kagyzlaryň olary satyn almazdan öň öňki saklaýjylaryň hasaplan göterimlerini hasaba almak
Emitentiň üzülişmegi	19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar 19205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar	15306 Üzlüşilýänçä saklanýan gymmatly kagyzlaryň olary satyn almazdan öň öňki saklaýjylaryň hasaplan göterimlerini hasaba almak

Aýdyňlaşdyrma:

Bankyň maliýe hasabatlaryna bildirilýän talaplary kanagatlandyrmak zerurlygy bilen baglylykda, hasaplaryň jikme-jik ulgamy maliýe aktiwleri üzüliş möhletleri boýunça seljermek üçin maglumat bilen üpjün eder ýaly görnüşde gurnalmalydyr.

Bankyň jikme-jik hasaba alnyşynda aktiwleriň hyzmatdaş taraplara görä seljermesini geçirmäge mümkinçilik berýän maglumat ulgamyny döretmek maslahat berilýär.

Aktiwe garşylyklaýyn hasap	**15399**
Hasabyň ady:	Bolup biljek ýitgiler üçin ätiýaçlyk gory - Üzlüşilýänçä saklanýan gymmatly kagyzlar (kontraktiw)
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Üzlüşilýänçä saklanýan gymmatly kagyzlar boýunça bolup biljek ýitgiler üçin ätiýaçlyk gorlary hasaba almak

Buhgalter hasabyň ýörelgeleri:

Buhgalter hasabynyň usullarynyň yzygiderliligi ýörelgesi: Ätiýaçlyk gorlarynyň möçberini kesgitlemek üçin bellenen tertip yzygiderli bir döwürden beýleki bir döwre ulanmalydyr.

Seresaplylyk ýörelgesi: Tölenmezlik töwekgelçiligi üçin ätiýaçlyk gory onuň (töwekgelçiligiň) ýüze çykan wagty döretmeli.

Işjeňligiň togtadylmazlyk ýörelgesi: Hasabat döwründe goşmaça ätiýaçlyk goruny döretmek ýa-da ony azaltmak üçin hasaplamalar ätiýaçlyk goryň döwriň başyna galyndysy göz öňünde tutulyp amala aşyrylmalydyr.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Ätiýaçlyk goryny döretmek ýa-da onuň möçberini ýokarlandyrmak	56406 Üzlüşilýänçä saklanýan gymmatly kagyzlar boýunça ätiýaçlyk gorlary döretmek üçin çykdajylar	15399 Bolup biljek ýitgiler üçin ätiýaçlyk gory - Üzlüşilýänçä saklanýan
Üzlüşilýänçä saklanýan gymmatly kagyzlary hasapdan öçürmek	15399 Bolup biljek ýitgiler üçin ätiýaçlyk gory - Üzlüşilýänçä saklanýan	15301 Döwletiň gymmatly kagyzlary 15302 Gaýry emitentleriň borçnamalaýyn gymmatly kagyzlary
Ätiýaçlyk goryň gaýtarylmagy	15399 Bolup biljek ýitgiler üçin ätiýaçlyk gory - Üzlüşilýänçä saklanýan	46404 Gaýry aktiwler boýunça bolup biljek ýitgilere ätiýaçlyklaryň ulanylmadyk möçberiniň yzyna gaýtarylmagy

Aýdyňlaşdyrma:

Bu hasabyň galyndysy mydama kredit tarapda bolmalydyr, şunda ol maliýe hasabaty taýynlanylanda aktiwleriň degişli toparynyň möçberinden aýyrylmalydyr. Degişli aktiwleriň sap gymmaty (möçberi), ýagny aktiwleriň ätiýaçlyk gorlaryň möçberine azaldylan umumy möçberine gaýtarylmagy şübhe döretmeýän hakyky aktiwler hökmünde garalýar.

Bank jikme-jik hasapda aktiwleriň hasaplaryny we ätiýaçlyk gorlaryň üýtgemelerini hyzmatdaş taraplara görä seljermäge mümkinçilik berýän hasaba alnyş ulgamyny döretmeli. Ätiýaçlyk gorlaryň düzümindäki üýtgemeleriň seljermesi maliýe hasabatyň goşmaçalarynda görkezilmelidir.

KLAS 6. ESASLYK MAÝA GOÝUMLAR

Topar 1. Esaslyk maýa goýumlar

Aktiw hasap	**16101**
Hasabyň ady:	Golçur kärhanalara maýa goýumlar
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Golçur kärhanalaryň hususy maýasyna, şol sanda paýly gymmatly kagyzlaryna goýumlary hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Seresaplylyk ýörelgesi:* Eger maýa goýumlarda bolup biljek arzanlama alamatlary bar bolsa bank 36-njy «Aktiwleriň arzanlamagy» MHHS ulanmalydyr. *Buhgalter hasabynyň usullarynyň yzygiderliligi ýörelgesi:* Maýa goýumlary bahalandyrmagyň usullary bir ýyldan beýleki bir ýyla yzygiderli ulanylmalydyr. Hasaba almaklygyň iki görnüşi bardyr: Paýly gatnaşyk boýunça hasaba almak usuly - Bu buhgalter hasabynyň maýa goýumlary ilkibaşda özüne düşýän gymmaty boýunça hasaba alyp, soňra maýa goýujynyň maýa goýulan desganyň sap aktiwlerindäki paýynyň olaryň satyn alynmagyndan soň ýüze çykan üýtgemeleriniň möçberine düzediş geçirilýän usulydyr. Maýa goýujynyň peýdasy ýa-da ýitgisi onuň maýa goýulan desganyň peýdasyndaky ýa-da ýitgisindäki paýyny öz içine alýar Özüne düşýän gymmaty boýunça hasaba almak usuly - Bu maýa goýumlaryň özüne düşýän gymmaty boýunça hasaba almak usulydyr. Peýdalar we ýitgiler barada hasabatda maýa goýumlardan girdejiler diňe satyn alnan senesinden soňra maýa goýlan desganyň ýüze çykan toplanan sap peýdasyndan maýa goýujynyň alýan düşewüntleriniň derejesinde hasaba alynýar. *Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgylar, hasaplaşyklaryň geçirilen senesine bagly bolmazdan, geleşigiň amala aşyrylan senesine laýyklykda ýazylmalydyr.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Maýa goýumlaryň ykrar edilmegi	16101 Golçur kärhanalara maýa goýumlar	11101-11102 Aragatnaşyk hasaplary 21101-21103 Aragatnaşyk hasaplary 23201-23202 Talap edilýänçä serişdeler

Maýa goýumlary paýly gatnaşyk usuly bilen hasaba almak		
Maýa goýumlardan sap peýdadaky paýyň ykrar edilmegi	16101 Golçur kärhanalara maýa goýumlar	46201 Golçur kärhanalara maýa goýumlardan girdejiler
Alnan düşewüntleriň görkezilmegi	11101-11102 Aragatnaşyk hasaplary 21101-21103 Aragatnaşyk hasaplary 23201-23202 Talap edilýänçä serişdeler	16101 Golçur kärhanalara maýa goýumlar
Maýa goýumlardan ýitgidäki paýyň ykrar edilmegi	56201 Golçur kärhanalara maýa goýumlardan çykdajylar	16101 Golçur kärhanalara maýa goýumlar
Maýa goýumlaryň ýerlenmegi	28205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar 19205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar	16101 Golçur kärhanalara maýa goýumlar

Aýdyňlaşdyrma:

Bankyň maliýe hasabatlaryna bildirilýän talaplary kanagatlandyrmak zerurlygy bilen baglylykda, hasaplaryň jikme-jik ulgamy maliýe aktiwleri üzüliş möhletleri boýunça seljermek üçin maglumat bilen üpjün eder ýaly görnüşde gurnalmalydyr.

Aktiw hasap	**16102**
Hasabyň ady:	Bilelikdäki kärhanalara maýa goýumlar
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Bilelikdäki kärhanalaryň hususy maýasyna, şol sanda paýly gymmatly kagyzlaryna goýumlary hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Seresaplylyk ýörelgesi:* Eger maýa goýumlarda bolup biljek arzanlama alamatlary bar bolsa bank 36-njy «Aktiwleriň arzanlamagy» MHHS ulanmalydyr. *Buhgalter hasabynyň usullarynyň yzygiderliligi ýörelgesi:* Maýa goýumlary bahalandyrmagyň usullary bir ýyldan beýleki bir ýyla yzygiderli ulanylmalydyr. Hasaba almaklygyň iki görnüşi bardyr:

Paýly gatnaşyk boýunça hasaba almak usuly - Bu buhgalter hasabynyň maýa goýumlary ilkibaşda özüne düşýän gymmaty boýunça hasaba alyp, soňra maýa goýujynyň maýa goýulan desganyň sap aktiwlerindäki paýynyň olaryň satyn alynmagyndan soň ýüze çykan üýtgemeleriniň möçberine düzediş geçirilýän usulydyr. Maýa goýujynyň peýdasy ýa-da ýitgisi onuň maýa goýulan desganyň peýdasyndaky ýa-da ýitgisindäki paýyny öz içine alýar

Özüne düşýän gymmaty boýunça hasaba almak usuly - Bu maýa goýumlaryň özüne düşýän gymmaty boýunça hasaba almak usulydyr. Peýdalar we ýitgiler barada hasabatda maýa goýumlardan girdejiler diňe satyn alnan senesinden soňra maýa goýlan desganyň ýüze çykan toplanan sap peýdasyndan maýa goýujynyň alýan düşewüntleriniň derejesinde hasaba alynýar.

Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi: Hasaplar boýunça ýazgylar, hasaplaşyklaryň geçirilen senesine bagly bolmazdan, geleşigiň amala aşyrylan senesine laýyklykda ýazylmalydyr.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Maýa goýumlaryň ykrar edilmegi	16102 Bilelikdäki kärhanalara maýa goýumlar	11101-11102 Aragatnaşyk hasaplary 21101-21103 Aragatnaşyk hasaplary 23202-23205 Talap edilýänçä serişdeler
Maýa goýumlary paýly gatnaşyk usuly bilen hasaba almak		
Maýa goýumlardan sap peýdadaky paýyň ykrar edilmegi	16102 Bilelikdäki kärhanalara maýa goýumlar	46202 Bilelikdäki kärhanalara maýa goýumlardan girdejiler
Alnan düşewüntleriň görkezilmegi	11101-11102 Aragatnaşyk hasaplary 21101-21103 Aragatnaşyk hasaplary 23202-23205 Talap edilýänçä serişdeler	16102 Bilelikdäki kärhanalara maýa goýumlar
Maýa goýumlardan ýitgidäki paýyň ykrar edilmegi	56202 Bilelikdäki kärhanalara maýa goýumlardan çykdajylar	16102 Bilelikdäki kärhanalara maýa goýumlar

Maýa goýumlaryň ýerlenmegi	28205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar 19205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar	16102 Bilelikdäki kärhanalara maýa goýumlar

Aýdyňlaşdyrma:

Bankyň maliýe hasabatlaryna bildirilýän talaplary kanagatlandyrmak zerurlygy bilen baglylykda, hasaplaryň jikme-jik ulgamy maliýe aktiwleri üzüliş möhletleri boýunça seljermek üçin maglumat bilen üpjün eder ýaly görnüşde gurnalmalydyr.

Aktiw hasap	**16103**
Hasabyň ady:	Baglanşykly (assosiirlenen) kompaniýalara maýa goýumlar
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Baglanşykly (assosirlenen) kärhanalaryň hususy maýasyna, şol sanda paýly gymmatly kagyzlaryna goýumlary hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Seresaplylyk ýörelgesi:* Eger maýa goýumlarda bolup biljek arzanlama alamatlary bar bolsa bank 36-njy «Aktiwleriň arzanlamagy» MHHS ulanmalydyr. *Buhgalter hasabynyň usullarynyň yzygiderliligi ýörelgesi:* Maýa goýumlary bahalandyrmagyň usullary bir ýyldan beýleki bir ýyla yzygiderli ulanylmalydyr. Hasaba almaklygyň iki görnüşi bardyr: Paýly gatnaşyk boýunça hasaba almak usuly - Bu buhgalter hasabynyň maýa goýumlary ilkibaşda özüne düşýän gymmaty boýunça hasaba alyp, soňra maýa goýujynyň maýa goýulan desganyň sap aktiwlerindäki paýynyň olaryň satyn alynmagyndan soň ýüze çykan üýtgemeleriniň möçberine düzediş geçirilýän usulydyr. Maýa goýujynyň peýdasy ýa-da ýitgisi onuň maýa goýulan desganyň peýdasyndaky ýa-da ýitgisindäki paýyny öz içine alýar Özüne düşýän gymmaty boýunça hasaba almak usuly - Bu maýa goýumlaryň özüne düşýän gymmaty boýunça hasaba almak usulydyr. Peýdalar we ýitgiler barada hasabatda maýa goýumlardan girdejiler diňe satyn alnan senesinden soňra maýa goýlan desganyň ýüze çykan toplanan sap peýdasyndan maýa goýujynyň alýan düşewüntleriniň derejesinde hasaba alynýar.

Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi: Hasaplar boýunça ýazgylar, hasaplaşyklaryň geçirilen senesine bagly bolmazdan, geleşigiň amala aşyrylan senesine laýyklykda ýazylmalydyr.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Maýa goýumlaryň ykrar edilmegi	16103 Baglanşykly (assosiirlenen) kompaniýalara maýa goýumlar	11101-11102 Aragatnaşyk hasaplary 21101-21103 Aragatnaşyk hasaplary 23202-23205 Talap edilýänçä serişdeler
Maýa goýumlary paýly gatnaşyk usuly bilen hasaba almak		
Maýa goýumlardan sap peýdadaky paýyň ykrar edilmegi	16103 Baglanşykly (assosiirlenen) kompaniýalara maýa goýumlar	46203 Baglanşykly (assosiirlenen) kompaniýalara maýa goýumlardan girdejiler
Alnan düşewüntleriň görkezilmegi	11101-11102 Aragatnaşyk hasaplary 21101-21103 Aragatnaşyk hasaplary 23202-23205 Talap edilýänçä serişdeler	16103 Baglanşykly (assosiirlenen) kompaniýalara maýa goýumlar
Maýa goýumlardan ýitgidäki paýyň ykrar edilmegi	56203 Baglanşykly (assosiirlenen) kompaniýalara maýa goýumlardan çykdajylar	16103 Baglanşykly (assosiirlenen) kompaniýalara maýa goýumlar
Maýa goýumlaryň ýerlenmegi	28205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar 19205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar	16103 Baglanşykly (assosiirlenen) kompaniýalara maýa goýumlar

Aýdyňlaşdyrma:

Bankyň maliýe hasabatlaryna bildirilýän talaplary kanagatlandyrmak zerurlygy bilen baglylykda, hasaplaryň jikme-jik ulgamy maliýe aktiwleri üzüliş möhletleri boýunça seljermek üçin maglumat bilen üpjün eder ýaly görnüşde gurnalmalydyr.

Topar 2. Gozgalmaýan emläge maýa goýumlar

Aktiw hasap	**16201**
Hasabyň ady:	Maýa goýumy görnüşindäki gozgalmaýan emläk
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Bankyň dolandyryş maksatlary üçin ulanylmaýan we kärende töleglerini almak ýa-da maýanyň ýokarlanmagyny gazanmak, ýa-da ikisinem birlikde gazanmak üçin niýetlenen gozgalmaýan emlägi hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Buhgalter hasabynyň usullarynyň yzygiderliligi ýörelgesi:* Maýa goýumy görnüşindäki gozgalmaýan emlägi bahalandyrmak üçin bank adalatly bahasy boýunça hasaba almak usulyny ýa-da ilkibaşdaky bahasy boýunça hasaba almak usulyny saýlamaly we ol syýasaty özüniň ähli maýa goýumy görnüşindäki gozgalmaýan emläklerine ulanmalydyr. *Seresaplylyk ýörelgesi:* Ilkibaşda ykrar edilenden soň adalatly bahasy boýunça hasaba almak usulyny saýlan bank özüniň ähli maýa goýumy görnüşindäki gozgalmaýan emläkleriniň hasabyny adalatly bahadan ýöretmeli. Adalatly bahasynyň üýtgemeginden peýdany ýa-da ýitgini olaryň dörän döwrüniň peýdasyna ýa-da ýitgisine eltmelidir. *Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgylar, hasaplaşyklaryň geçirilen senesine bagly bolmazdan, geleşigiň amala aşyrylan senesine laýyklykda ýazylmalydyr.
Bir ülňidäki geçirmeler:	

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Aktiwiň ykrar edilmegi	16201 Maýa goýumy görnüşindäki gozgalmaýan emläk	23201-23208 Talap edilýänçä serişdeler 11101-11102 Aragatnaşyk hasaplary 21101-21103 Aragatnaşyk hasaplary 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar 17102 Jaýlar we binalar 19203 Düýpli maýa goýumlar boýunça debitorlar
Aktiwiň ýerlenmegi ýa-da beýleki hasapdan aýrylmagy		
toplanan dikeldiş geçirimleriniň möçberine	16601 Maýa goýumy görnüşindäki gozgalmaýan emlägiň toplanan dikeldiş geçirmeleri	16201 Maýa goýumy görnüşindäki gozgalmaýan emläk

Aktiwiň hasaba alnyş bahasyna	23201-23208 Talap edilýänçä serişdeler 11101-11102 Aragatnaşyk hasaplary 21101-21103 Aragatnaşyk hasaplary 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar	16201 Maýa goýumy görnüşindäki gozgalmaýan emläk
Täzeden bahalandyrma - Ilkibaşdaky bahadan hasaba almak usuly		
Täzeden bahalandyrylmagy (aktiwiň adalatly bahasynyň peselmegi)	56303 Beýleki aktiwleriň arzanlamagyndan çykdajylar	16201 Maýa goýumy görnüşindäki gozgalmaýan emläk
Täzeden bahalandyrylmagy (öň ätiýaçlyklar döredilen aktiwiň adalatly bahasynyň peselmegi)	32203 Gaýry täzeden bahalandyrmanyň ätiýaçlyk gory	16201 Maýa goýumy görnüşindäki gozgalmaýan emläk
Täzeden bahalandyrylmagy (öň ykrar edilen arzanlamakdan çykdajylardan ýokary geçýän bölegine)	16201 Maýa goýumy görnüşindäki gozgalmaýan emläk	46303 Beýleki aktiwleriň arzanlamagyndan çekilen ýitgileriň dikeldilmeginden alnan girdejiler 32203 Gaýry täzeden bahalandyrmanyň ätiýaçlyk gory

Aýdyňlaşdyrma:

Ilkibaşdaky bahasy boýunça hasaba almak usuly - Maýa goýumy görnüşindäki gozgalmaýan emlägiň ähli desgalary ilkibaşdaky ykrar edilenden soňra 16-njy MHHS-de ilkibaşda hasaba almak üçin bellenen usula laýyklykda bahalandyrylmalydyr. Bu, aktiwiň ilkibaşdaky bahasy boýunça ykrar edilmelidigini we onuň peýdaly ulanyş möhletiniň dowamynda dikeldiş geçirmelerini hasaplamalydygyny aňladýar. Maýa goýumy görnüşindäki gozgalmaýan emlägiň her bir desgasy üçin galyndy bahasyna we peýdaly ulanyş möhletine azyndan her ýylyň soňunda täzeden garalmalydyr.

Adalatly bahasy boýunça hasaba almak usuly - Maýa goýumy görnüşindäki gozgalmaýan emläk hasabat senä adalatly baha boýunça balansa alynýar, adalatly bahanyň bir hasabat senesinden beýleki hasabat senesine çenli bolan ähli üýtgemeleri bolsa, hasabat döwrüniň peýdalar we ýitgiler barada hasabatynda görkezilýär. Bank adalatly bahadan hasaba almak usulyny, amaly kärende şertnamasy boýunça alnan hukuklaryny maýa goýumy görnüşindäki gozgalmaýan emläk hökmünde ykrar etmek kararyna gelen ýagdaýynda, ulanmalydyr.

Öň özi babatda «Gaýry täzeden bahalandyrmanyň ätiýaçlyk gory» döredilen aktiwiň bahasy arzanlan ýagdaýynda, arzanlamakdan çykdajylar şol döredilen ätiýaçlyklaryň möçberi aýrylyp ykrar edilmelidir.

Öň arzanlamakdan çykdajylar ykrar edilen aktiwiň bahasy ýokarlanan ýagdaýynda, girdejiler şol arzanlamakdan çykdajylaryň çäginde ýkrar edilip, aktiwiň bahasynyň ýokarlanmagynyň galan bölegi bolsa «Gaýry täzeden bahalandyrmanyň ätiýaçlyk gory» hasabyna eltilmelidir.

Aktiwe garşylyklaýyn hasap	**16601**
Hasabyň ady:	Maýa goýumy görnüşindäki gozgalmaýan emlägiň toplanan dikeldiş geçirmeleri
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Maýa goýumy görnüşindäki gozgalmaýan emlägiň toplanan dikeldiş geçirmelerini hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaplama ýörelgesi:* Hasabat döwri üçin hasaplanan dikeldiş geçirmeleri her hasabat döwründe girdejileriň we çykdajylaryň hasaplarynda görkezilmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Ilkibaşdaky bahadan hasaba almak usuly		
Dikeldiş geçirmeleriň hasaplanmagy	56501 Maýa goýumy görnüşindäki gozgalmaýan emlägiň dikeldiş geçirmeleri	16601 Maýa goýumy görnüşindäki gozgalmaýan emlägiň toplanan dikeldiş geçirimleri
Aktiwiň ýerlenmegi ýa-da beýleki hasapdan aýrylmagy (toplanan dikeldiş geçirmeleriň möçberine)	16601 Maýa goýumy görnüşindäki gozgalmaýan emlägiň toplanan dikeldiş geçirimleri	16201 Maýa goýumy görnüşindäki gozgalmaýan emläk

Aýdyňlaşdyrma:

Aktiwiň dikeldiş geçirmeleri onuň ulanmaga taýyn bolan pursatyndan başlanýar. Aktiwiň peýdaly ulanyş möhleti kesgitlenende aktiwiň ähmiýeti taýdan könelmesi ýa-da täjirçilik könelmesi göz öňünde tutulmalydyr. Aktiwiň peýdaly ulanyş möhleti aktiwiň çak edilýän peýdalylygyny göz öňünde tutup hasaplanýar. Her döwürdäki dikeldiş geçirmeleriň möçberleri peýdalar ýa-da ýitgiler barada hasabatda ykrar edilmedir.

KLAS 7. ESASY SERIŞDELER WE MADDY DÄL AKTIWLER

Topar 1. Bankyň esasy serişdeleri we maddy däl aktiwleri

Aktiw hasap	**17102**
Hasabyň ady:	Jaýlar we binalar
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Bankyň satyn alan ýa-da guran jaýlarynyň we binalarynyň bahasyny (olary niýetlenilişi boýunça ulanmaga ýaramly ýagdaýa (derejesine) ýetirmek bilen gönüden-göni bagly çykdajylary hasaba almak bilen) hasaba almak
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Seresaplylyk ýörelgesi:* Adalatly (bazar) bahasyny anyk kesgitläp bolýan esasy serişdeler täzeden bahalandyrylan möçberinde, ýagny onuň täzeden bahalandyrylan senesine adalatly (bazar) bahasyndan hasaba alynýar. *Buhgalter hasabynyň usullarynyň yzygiderliligi ýörelgesi:* Dikeldiş geçirmeleriň usullary we ölçegleri bir ýyldan beýleki bir ýyla yzygiderli ulanylmalydyr.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Esasy serişdeleriň ykrar edilmegi	17102 Jaýlar we binalar	23201-23208 Talap edilýänçä serişdeler 11101-11102 Aragatnaşyk hasaplary 21101-21103 Aragatnaşyk hasaplary 19203 Düýpli maýa goýumlar boýunça debitorlar
Aktiwleriň ýerlenmegi		
toplanan dikeldiş geçirmeleriniň möçberine	17602 Toplanan dikeldiş geçirmeleri - Jaýlar we binalar	17102 Jaýlar we binalar
aktiwiň hasaba alnyş bahasyna	23201-23208 Talap edilýänçä serişdeler 11101-11102 Aragatnaşyk hasaplary 21101-21103 Aragatnaşyk hasaplary 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar	17102 Jaýlar we binalar

Täzeden bahalandyrma		
Täzeden bahalandyrylmagy (aktiwiň adalatly bahasynyň peselmegi)	56301 Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň arzanlamagyndan çykdajylar	17102 Jaýlar we binalar
Täzeden bahalandyrylmagy (öň ätiýaçlyklar döredilen aktiwiň adalatly bahasynyň peselmegi)	32203 Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory	17102 Jaýlar we binalar
Täzeden bahalandyrylmagy (öň ykrar edilen arzanlamakdan çykdajylardan ýokary geçýän bölegine)	17102 Jaýlar we binalar	46301 Esasy serişdeleri we maddy däl aktiwleriň arzanlamagyndan çekilen ýitgileriň dikeldilmeginden alnan girdejiler 32203 Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory

Aýdyňlaşdyrma:

Öň özi babatda «Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory» döredilen aktiwiň bahasy arzanlan ýagdaýynda, arzanlamakdan çykdajylar şol döredilen ätiýaçlyklaryň möçberi aýrylyp ykrar edilmelidir.

Öň arzanlamakdan çykdajylar ykrar edilen aktiwiň bahasy ýokarlanan ýagdaýynda, girdejiler şol arzanlamakdan çykdajylaryň çäginde ýkrar edilip, aktiwiň bahasynyň ýokarlanmagynyň galan bölegi bolsa «Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory» hasabyna eltilmelidir.

Bankyň jikme-jik hasapda aktiwleri esasy serişdeleriň görnüşlerine görä seljermäge mümkinçilik beryän hasaba alnyş ulgamyny döretmegi maslahat beryär. Bu hasaplarda galyndylaryň dogry hasaba alynmagyny üpjün etmek üçin aktiwleriň tükellemesini yzygiderli geçirmek zerur. Tükellemäni azyndan her hasabat döwrüniň soňunda geçirmelidir.

Aktiw hasap	**17103**
Hasabyň ady:	Maşynlar we enjamlar
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Bankyň satyn alan maşynlarynyň we enjamlarynyň bahasyny (olary niýetlenilişi boýunça ulanmaga ýaramly ýagdaýa (derejesine) ýetirmek bilen gönüden-göni bagly çykdajylary hasaba almak bilen) hasaba almak

Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Seresaplylyk ýörelgesi:* Adalatly (bazar) bahasyny anyk kesgitläp bolýan esasy serişdeler täzeden bahalandyrylan möçberinde, ýagny onuň täzeden bahalandyrylan senesine adalatly (bazar) bahasyndan hasaba alynýar. *Buhgalter hasabynyň usullarynyň yzygiderliligi ýörelgesi:* Dikeldiş geçirmeleriň usullary we ölçegleri bir ýyldan beýleki bir ýyla yzygiderli ulanylmalydyr.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Дебет***	***Кредит***
Esasy serişdeleriň ykrar edilmegi	17103 Maşynlar we enjamlar	23201-23208 Talap edilýänçä serişdeler 11101-11102 Aragatnaşyk hasaplary 21101-21103 Aragatnaşyk hasaplary 19203 Düýpli maýa goýumlar boýunça debitorlar
Aktiwleriň ýerlenmegi		
toplanan dikeldiş geçirmeleriniň möçberine	17603 Toplanan dikeldiş geçirmeleri - Maşynlar we enjamlar	17103 Maşynlar we enjamlar
aktiwiň hasaba alnyş bahasyna	23201-23208 Talap edilýänçä serişdeler 11101-11102 Aragatnaşyk hasaplary 21101-21103 Aragatnaşyk hasaplary 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar	17103 Maşynlar we enjamlar
Täzeden bahalandyrma		
Täzeden bahalandyrylmagy (aktiwiň adalatly bahasynyň peselmegi)	56301 Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň arzanlamagyndan çykdajylar	17103 Maşynlar we enjamlar
Täzeden bahalandyrylmagy (öň ätiýaçlyklar döredilen aktiwiň adalatly bahasynyň peselmegi)	32203 Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory	17103 Maşynlar we enjamlar

Täzeden bahalandyrylmagy (öň ykrar edilen arzanlamakdan çykdajylardan ýokary geçýän bölegine)	17103 Maşynlar we enjamlar	46301 Esasy serişdeleri we maddy däl aktiwleriň arzanlamagyndan çekilen ýitgileriň dikeldilmeginden alnan girdejiler 32203 Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory

Aýdyňlaşdyrma:

Öň özi babatda «Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory» döredilen aktiwiň bahasy arzanlan ýagdaýynda, arzanlamakdan çykdajylar şol döredilen ätiýaçlyklaryň möçberi aýrylyp ykrar edilmelidir.

Öň arzanlamakdan çykdajylar ykrar edilen aktiwiň bahasy ýokarlanan ýagdaýynda, girdejiler şol arzanlamakdan çykdajylaryň çäginde ýkrar edilip, aktiwiň bahasynyň ýokarlanmagynyň galan bölegi bolsa «Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory» hasabyna eltilmelidir.

Bankyň jikme-jik hasapda aktiwleri esasy serişdeleriň görnüşlerine görä seljermäge mümkinçilik berýän hasaba alnyş ulgamyny döretmegi maslahat berýär. Bu hasaplarda galyndylaryň dogry hasaba alynmagyny üpjün etmek üçin aktiwleriň tükellemesini yzygiderli geçirmek zerur. Tükellemäni azyndan her hasabat döwrüniň soňunda geçirmelidir.

Aktiw hasap	**17104**
Hasabyň ady:	Ulag serişdeleri
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Bankyň satyn alan ulag serişdeleriniň bahasyny (olary niýetlenilişi boýunça ulanmaga ýaramly ýagdaýa (derejesine) ýetirmek bilen gönüden-göni bagly çykdajylary hasaba almak bilen) hasaba almak
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Seresaplylyk ýörelgesi:* Adalatly (bazar) bahasyny anyk kesgitläp bolýan esasy serişdeler täzeden bahalandyrylan möçberinde, ýagny onuň täzeden bahalandyrylan senesine adalatly (bazar) bahasyndan hasaba alynýar. *Buhgalter hasabynyň usullarynyň yzygiderliligi ýörelgesi:* Dikeldiş geçirmeleriň usullary we ölçegleri bir ýyldan beýleki bir ýyla yzygiderli ulanylmalydyr.

Bir ülňidäki geçirmeler:		
Amallar	***Debet***	***Kredit***
Esasy serişdeleriň ykrar edilmegi	17104 Ulag serişdeleri	23201-23208 Talap edilýänçä serişdeler 11101-11102 Aragatnaşyk hasaplary 21101-21103 Aragatnaşyk hasaplary 19203 Düýpli maýa goýumlar boýunça debitorlar
Aktiwleriň ýerlenmegi		
toplanan dikeldiş geçirmeleriniň möçberine	17604 Toplanan dikeldiş geçirmeleri - Ulag serişdeleri	17104 Ulag serişdeleri
Bankyň batmagy barada kazyýetiň çözgüdi güýje giren ýa-da ýatyryş toparynyň bankyň maliýe häsiýetdäki sebäpler boýunça öz goýumçylarynyň öňündäki borçlaryny ýerine ýetirip bilmeýändigi barada çözgüt çykaran pursatyndan kepillendirilen öwezini dolmaklyk başlanýar.

Bankyň jikme-jik hasaba alnyşynda hasaplaryň hyzmatdaş taraplara görä seljermesini geçirmäge mümkinçilik berýän maglumat ulgamyny döretmek maslahat berilýär.

Passiw hasap **28906**

Hasabyň ady: Gaýry üstaşyr hasaplar

Ulanyjy: Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky

Hasabyň niýetlenilişi: Gaýry üstaşyr amallar boýunça serişdeleri hasaba almak.

Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri: *Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy amalyň geçirilen senesine laýyklykda amala aşyrylmalydyr.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Serişdeleriniň girdeji edilmegi	Ýörite ätiýaçlyklaryň (gorlaryň) hasaplaryndan başga, islendik hasaplar	28906 Gaýry üstaşyr hasaplar
Serişdeleriň hasapdan aýrylmagy	28906 Gaýry üstaşyr hasaplar	Ýörite ätiýaçlyklaryň (gorlaryň) hasaplaryndan başga, islendik hasaplary.

Aýdyňlaşdyrma:

Hasap tehniki hasap bolup, oňa ýagdaýlar aýdyňlaşdyrylýança saklanmaga degişli ýa-da üstaşyr häsiýetdäki möçberler girdeji edilýär. Bu hasapda möçberler diňe wagtlaýyn hasaba alnyp, derhal tertipde degişli hyzmatdaş tarapyň hasabyna geçirilmegine degişlidir.

Üstaşyr hökmünde ykrar edilen möçberleriň öz wagtynda degişli hasaplaryna degişliligi boýunça eltilendigini anyklamak üçin hasap yzygiderli seljerilmäge degişlidir.

Passiw hasap	**28907**
Hasabyň ady:	Zähmet rugsadyny tölemek üçin ätiýaçlyk gory
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Dowam edýän döwre degişli bolup, geljekde tölenilmegine garaşylýan, zähmet rugsadyny tölemek üçin döredilen ätiýaçlyk goryň möçberini hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaplama ýörelgesi:* Zähmet rugsadyny tölemek üçin çykdajylar tölegiň möhletine bagly bolmazdan, zähmet rugsadynyň degişli döwründe ykrar edilýär. *Işjeňligiň üznüksiz dowam etmek ýörelgesi:* Hasabat döwründe goşmaça ätiýaçlyk goruny döretmek ýa-da ony azaltmak üçin hasaplamalar ätiýaçlyk goryň döwriň başyna galyndysy göz öňünde tutulyp amala aşyrylmalydyr. *Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy amalyň geçirilen senesine laýyklykda amala aşyrylmalydyr.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Ätiýaçlyk goryň döredilmegi ýa-da köpeldilmegi	56404 Zähmet rugsadyny tölemek üçin ätiýaçlyk gorlary döretmek üçin çykdajylar	28907 Zähmet rugsadyny tölemek üçin ätiýaçlyk gory
Ätiýaçlyk goryň ulanylmagy	28907 Zähmet rugsadyny tölemek üçin ätiýaçlyk gory	28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar

Aýdyňlaşdyrma:

Bankyň ätiýaçlyk gorlaryny hasabat döwriniň soňunda geçen döwür bilen deňeşdirmesiniň netijesinde, ätiýaçlyklaryň çykan üýtgemelerini görkezmäge mümkinçiligi bolmalydyr.

Passiw hasap	**28908**
Hasabyň ady:	Şertli borçlar boýunça bolup biljek ýitgiler üçin ätiýaçlyk gory
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Şertli borçlar boýunça bolup biljek ýitgiler üçin ätiýaçlyk goryň möçberini hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	Hasaplama ýörelgesi: Şertli borçlar boýunça çykdajylar tölegiň möhletine bagly bolmazdan, degişli döwründe ykrar edilýär. *Buhgalter hasabynyň usullarynyň yzygiderliligi ýörelgesi:* Ätiýaçlyk gorlarynyň möçberini kesgitlemek üçin bellenen tertip yzygiderli bir döwürden beýleki bir döwre ulanmalydyr. *Işjeňligiň üznüksiz dowam etmek ýörelgesi:* Hasabat döwründe goşmaça ätiýaçlyk goruny döretmek ýa-da ony azaltmak üçin hasaplamalar ätiýaçlyk goryň döwriň başyna galyndysy göz öňünde tutulyp amala aşyrylmalydyr.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Ätiýaçlyk goryň döredilmegi ýa-da köpeldilmegi	56405 Şertli borçlar boýunça ätiýaçlyk gorlary döretmek üçin çykdajylar	28908 Şertli borçlar boýunça bolup biljek ýitgiler üçin ätiýaçlyk gory
Ätiýaçlyk goryň ulanylmagy	28908 Şertli borçlar boýunça bolup biljek ýitgiler üçin ätiýaçlyk gory	28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar
Ätiýaçlyk goryň gaýtarylmagy	28908 Şertli borçlar boýunça bolup biljek ýitgiler üçin ätiýaçlyk gory	46404 Gaýry aktiwler boýunça bolup biljek ýitgilere ätiýaçlyklaryň ulanylmadyk möçberiniň yzyna gaýtarylmagy

Aýdyňlaşdyrma:

Borçlaryň üzülişilmegi üçin ykdysady haýyrlary özünde jemleýän serişdeleriň gitmek ähtimallygy ýok bolsa, onda ätiýaçlyk gorlar yzyna dikeldilmelidir.

Ätiýaçlyk gory diňe onuň ilkibaşda döredilen maksatlaryna ulanyp bilner.

Haçanda pullaryň wagtlaýyn gymmatynyň täsiri ähmiýeli bolanda, ýagny eger ätiýaçlyk bir näçe ýyldan töleniljek borçlar boýunça döredilýän bolsa, onda ätiýaçlygyň möçberi borçlary ýerine ýetirmek üçin garaşylýan harajatlaryň diskontirlenen jemi bolup durýar.

Bankyň ätiýaçlyk gorlaryny hasabat döwriniň soňunda geçen döwür bilen deňeşdirmesiniň netijesinde, ätiýaçlyklaryň çykan üýtgemelerini görkezmäge mümkinçiligi bolmalydyr.

Passiw hasap	**28909**
Hasabyň ady:	Walýuta auksionynyň hasaplary (TMB)
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Walýuta auksionynyň serişdelerini hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy amalyň geçirilen senesine laýyklykda amala aşyrylmalydyr.
Bir ülňidäki geçirmeler:	

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Müşderilerden daşary ýurt pulynyň satyn alynmagy	11101 -11102 Aragatnaşyk hasaplary 21101-21103 Aragatnaşyk hasaplary 28902 Hökmany satuwa degişli daşary ýurt pulunyň geçirmeleri üçin üstaşyr hasap 23201-23208 Talap edilýänçä serişdeler 25201-25208 Beýleki borçlar	28909 Walýuta auksionynyň hasaplary (TMB)
Müşderilere daşary ýurt pulynyň satylmagy	28909 Walýuta auksionynyň hasaplary (TMB)	11101 -11102 Aragatnaşyk hasaplary 21101-21103 Aragatnaşyk hasaplary 23201-23208 Talap edilýänçä serişdeler 25201-25208 Beýleki borçlar 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar 19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar 28911 Uzyn walýuta ýagdaýy

Aýdyňlaşdyrma:

Bankyň maliýe hasabatlaryna bildirilýän talaplary kanagatlandyrmak zerurlygy bilen baglylykda, hasaplaryň jikme-jik ulgamy maliýe borçlary üzüliş möhletleri boýunça seljermek üçin maglumat bilen üpjün eder ýaly görnüşde gurnalmalydyr.

Jikme-jik hasaba alnyşda daşary ýur pullarynyň her bir görnüşi boýunça aýratyn şahsy hasaplar alnyp barylýar.

Passiw hasap	**28910**
Hasabyň ady:	Gaýry borçlaryň beýleki görnüşleri
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Bankyň gaýry borçlaryny hasaba almak
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy amalyň geçirilen senesine laýyklykda amala aşyrylmalydyr.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Borçlaryň ykrar edilmegi	Ýörite ätiýaçlyklaryň (gorlaryň) hasaplaryndan başga, islendik hasaplar	28910 Gaýry borçlaryň beýleki görnüşleri
Borçlaryň gaýtarylmagy	28910 Gaýry borçlaryň beýleki görnüşleri	Ýörite ätiýaçlyklaryň (gorlaryň) hasaplaryndan başga, islendik hasaplary.

Aýdyňlaşdyrma:

Hasap tehniki hasap bolup onda möçberler diňe wagtlaýyn hasaba alnyp, derhal tertipde degişli hyzmatdaş tarapyň hasabyna geçirilmäge degişlidir.

Bankyň maliýe hasabatlaryna bildirilýän talaplary kanagatlandyrmak zerurlygy bilen baglylykda, hasaplaryň jikme-jik ulgamy maliýe borçlary üzüliş möhletleri boýunça seljermek üçin maglumat bilen üpjün eder ýaly görnüşde gurnalmalydyr.

Passiw hasap	**28911**
Hasabyň ady:	Uzyn walýuta ýagdaýy
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Daşary ýurt pulundaky aktiwleriň şol daşary ýurt pulundaky borçlardan ýokary gecýän möçberini hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy amalyň geçirilen senesine laýyklykda amala aşyrylmalydyr.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Daşary ýurt pulunyň satyn alynmagy, daşary ýurt pulunda girdejileriň we peýdanyň ykrar edilmegi	Pul serişdeleriň hasaplary	28911 Uzyn walýuta ýagdaýy
Walýuta ýagdaýynyň täzeden bahalandyrylmagy - daşary ýurt pulunyň manada bolan gatnaşygynyň ýokarlanmagy	28906 Gaýry üstaşyr hasaplar	28911 Uzyn walýuta ýagdaýy
Walýuta ýagdaýynyň täzeden bahalandyrylmagy - daşary ýurt pulunyň manada bolan gatnaşygynyň peselmegi	28911 Uzyn walýuta ýagdaýy	28906 Gaýry üstaşyr hasaplar
Walýuta ýagdaýynyň kadalaşdyrylmagy	28911 Uzyn walýuta ýagdaýy	19905 Gysga walýuta ýagdaýy

Aýdyňlaşdyrma:

Bu hasap bankyň daşary ýurt pulundaky aktiwleriniň we borçlarynyň galyndylaryny sazlaşdyrmak üçin tehniki hasap bolup durýar

Jikme-jik hasaba alnyşda daşary ýur pullarynyň her bir görnüşi boýunça aýratyn şahsy hasaplar alnyp barylýar.

Passiw hasap	**28912**
Hasabyň ady:	Milli pulda walýuta ýagdaýynyň garşylyklaýyn bahasy (gysga walýuta ýagdaýynyň)
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Milli pulda walýuta ýagdaýynyň garşylyklaýyn bahasynyň möçberini hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaplama ýörelgesi:* Walýuta amallaryndan ýerlenmedik girdejiler we çykdajylar olaryň ýerlenen möhletine bagly bolmazdan degişli döwrüniň girdejiler we çykdajylar hasaplarynda hasaba alynmalydyr.

Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi: Hasaplar boýunça ýazgy amalyň geçirilen senesine laýyklykda amala aşyrylmalydyr.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Daşary ýurt pulunyň satylmagy, daşary ýurt pulunda çykdajylaryň we ýitgileriň ykrar edilmegi	Pul serişdeleriň hasaplary Çykdajylaryň we ýitgileriň hasaplary	28912 Milli pulda walýuta ýagdaýynyň garşylyklaýyn bahasy (gysga walýuta ýagdaýynyň)
Walýuta ýagdaýynyň täzeden bahalandyrylmagy - daşary ýurt pulunyň manada bolan gatnaşygynyň ýokarlanmagy	56101 Daşary ýurt puluny täzeden bahalandyrmak boýunça çykdajylar	28912 Milli pulda walýuta ýagdaýynyň garşylyklaýyn bahasy (gysga walýuta ýagdaýynyň)
Walýuta ýagdaýynyň täzeden bahalandyrylmagy - daşary ýurt pulunyň manada bolan gatnaşygynyň peselmegi	28912 Milli pulda walýuta ýagdaýynyň garşylyklaýyn bahasy (gysga walýuta ýagdaýynyň)	46101 Daşary ýurt puluny täzeden bahalandyrmak boýunça girdejiler
Walýuta ýagdaýynyň garşylyklaýyn bahasynyň kadalaşdyrylmagy	28912 Milli pulda walýuta ýagdaýynyň garşylyklaýyn bahasy (gysga walýuta ýagdaýynyň)	19906 Milli pulda walýuta ýagdaýynyň garşylyklaýyn bahasy (uzyn walýuta ýagdaýynyň)

Aýdyňlaşdyrma:

Bu hasap bankyň daşary ýurt pulundaky aktiwleriniň we borçlarynyň galyndylaryny sazlaşdyrmak üçin tehniki hasap bolup durýar

Jikme-jik hasaba alnyşda daşary ýur pullarynyň her bir görnüşi boýunça aýratyn şahsy hasaplar alnyp barylýar.

BANKYŇ MAÝASY

KLAS 0 BANKYŇ MAÝALYK GORY

Topar 1. Maýalyk gory

Passiw hasap	**30101**
Hasabyň ady:	Esaslyk maýa - goýumlar (paýlar)
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Bankyň esaslyk maýasyny döretmek (köpeltmek) üçin gelen goýumlaryň (paýlaryň) möçberini hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy amalyň geçirilen senesine laýyklykda amala aşyrylmalydyr.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Goýumlaryň hasabyna esaslyk maýanyň döredilmegi we köpeldilmegi	10102 Bankyň amallar kassasyndaky nagt pul serişdeleri 11101-11102 Aragatnaşyk hasaplary 21102-21103 Aragatnaşyk hasaplary 23201-23208 Talap edilýänçä serişdeler 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar	30101 Esaslyk maýa - goýumlar (paýlar)
Geçen ýyllaryň peýdasynyň hasabyna esaslyk maýanyň köpeldilmegi	32301 Geçen ýyllaryň paýlanmadyk peýdasy (toplanan ýetmezçiligi)	30101 Esaslyk maýa - goýumlar (paýlar)
Esaslyk maýanyň azaldylmagy	30101 Esaslyk maýa - goýumlar (paýlar)	10102 Bankyň amallar kassasyndaky nagt pul serişdeleri 11101-11102 Aragatnaşyk hasaplary 21102-21103 Aragatnaşyk hasaplary 23201-23208 Talap edilýänçä serişdeler 19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar

Aýdyňlaşdyrma:

Esaslyk maýany köpeltmek barada islendik karar döredijiler tarapyndan kabul edilmelidir.

Esaslyk maýa esasy serişdeler ýa-da maddy däl aktiwler görnüşindäki gatançlaryň hasabyna düzülende (döredilende) aktiwiň degişli hasabyny debetlenmeli we 30101 «Esaslyk maýa - goýumlar (paýlar)» hasaby kreditlenmeli.

Bankda jikme-jik hasaba alnyşda bu hasaplaryň her bir döredijiji boýunça seljermesini geçirmäge mümkinçilik berýän maglumat ulgamyny döretmek maslahat berilýär.

Passiwe garşylyklaýyn hasap	**30102**
Hasabyň ady:	Yzyna satyn alnan goýumlar (paýlar)
Ulanyjy:	Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Döredijileriň düzüminden çykanlygy sebäpli, olary soňra satmak ýa-da ýatyrmak maksady bilen, döredijilerden yzyna satyn alnan paýlary hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy amalyň geçirilen senesine laýyklykda amala aşyrylmalydyr.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Döredijilerden goýumlaryň yzyna satyn alynmagy	30102 Yzyna satyn alnan goýumlar (paýlar)	28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar 19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar
Yzyna satyn alnan goýumlaryň ýerlenmegi	10102 Bankyň amallar kassasyndaky nagt pul serişdeleri 11101-11102 Aragatnaşyk hasaplary 21102-21103 Aragatnaşyk hasaplary 23201-23208 Talap edilýänçä serişdeler	30102 Yzyna satyn alnan goýumlar (paýlar)
Yzyna satyn alnan goýumlaryň ýatyrylmagy	30102 Yzyna satyn alnan goýumlar (paýlar)	30101 Esaslyk maýa - goýumlar (paýlar)

Aýdyňlaşdyrma:

Bankda jikme-jik hasaba alnyşda bu hasaplaryň dörän döwri we satyn alnan bahasy boýunça seljermesini geçirmäge mümkinçilik berýän maglumat ulgamyny döretmek maslahat berilýär.

Passiw hasap	**30103**
Hasabyň ady:	Esaslyk maýa - ýönekeý paýnamalar
Ulanyjy:	Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Esaslyk maýa döredilende (köpeldilende) bankyň paýdarlaryna ýerlenen ýönekeý paýnamalaryň ýüzünde görkezilen bahasyny hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy amalyň geçirilen senesine laýyklykda amala aşyrylmalydyr.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Paýnamalaryň ýerlenmegi	10102 Bankyň amallar kassasyndaky nagt pul serişdeleri 11101-11102 Aragatnaşyk hasaplary 21102-21103 Aragatnaşyk hasaplary 23201-23208 Talap edilýänçä serişdeler	30103 Esaslyk maýa - ýönekeý paýnamalar
Paýnamalaryň dolanşykdan aýrylmagy	30103 Esaslyk maýa - ýönekeý paýnamalar	30104 Yzyna satyn alnan ýönekeý paýnamalar

Aýdyňlaşdyrma:

Esaslyk maýany köpeltmek barada islendik karar döredijiler tarapyndan kabul edilmelidir.

Paýnamalary esasy serişdelere ýa-da maddy däl aktiwlere çalyşmak arkaly ýerlenende aktiwiň degişli hasabyny debetlenmeli we 30103 «Esaslyk maýa - ýönekeý paýnamalar» hasabyny kreditlenmeli.

Bankda jikme-jik hasaba alnyşda bu hasaplaryň dörän döwri boýunça seljermesini geçirmäge mümkinçilik berýän maglumat ulgamyny döretmek maslahat berilýär.

Passiwe garşylyklaýyn hasap	**30104**
Hasabyň ady:	Yzyna satyn alnan ýönekeý paýnamalar
Ulanyjy:	Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Paýdarlaryň düzüminden çykanlygy sebäpli, olary soňra satmak ýa-da ýatyrmak maksady bilen, paýdarlardan yzyna satyn alnan paýnamalaryň bahasyny hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy amalyň geçirilen senesine laýyklykda amala aşyrylmalydyr.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Paýnamalary yzyna satyn alynmagy	30104 Yzyna satyn alnan ýönekeý paýnamalar	28205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar 19205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar
Yzyna satyn alnan paýnamalaryň ýerlenmegi	28205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar 19205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar	30104 Yzyna satyn alnan ýönekeý paýnamalar
Paýnamalaryň dolanşykdan aýrylmagy	30103 Esaslyk maýa - ýönekeý paýnamalar	30104 Yzyna satyn alnan ýönekeý paýnamalar

Aýdyňlaşdyrma:

Yzyna satyn alnan hususy paýnamalar aktiw hökmünde çykyş etmeýärler. Yzyna satyn alnan paýnamalara eýeçilik ses bermäge, satyn almaga bolan artykmaçlykdan peýdalanmaga, pul düşewüntlerini ýa-da bank ýatyrylan ýagdaýynda aktiwleri almaga hukuklary bermeýär. Yzyna satyn alnan paýnamalar hasaplarda iki usul bilen görkezilýär: satyn alnan bahadan hasaba almak usuly we ýüzünde görkezilen bahadan hasaba almak usuly

Bankda jikme-jik hasaba alnyşda bu hasaplaryň dörän döwri we satyn alnan bahasy boýunça seljermesini geçirmäge mümkinçilik berýän maglumat ulgamyny döretmek maslahat berilýär.

Passiw hasap	**30105**
Hasabyň ady:	Esaslyk maýa - artykmaçlykly paýnamalar
Ulanyjy:	Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Esaslyk maýa döredilende (köpeldilende) bankyň paýdarlaryna ýerlenen artykmaçlykly paýnamalaryň ýüzünde görkezilen bahasyny hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy amalyň geçirilen senesine laýyklykda amala aşyrylmalydyr.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Paýnamalaryň ýerlenmegi	10102 Bankyň amallar kassasyndaky nagt pul serişdeleri 11101-11102 Aragatnaşyk hasaplary 21102-21103 Aragatnaşyk hasaplary 23201-23208 Talap edilýänçä serişdeler	30105 Esaslyk maýa - artykmaçlykly paýnamalar
Paýnamalaryň dolanşykdan aýrylmagy	30105 Esaslyk maýa - artykmaçlykly paýnamalar	30106 Yzyna satyn alnan artykmaçlykly paýnamalar

Aýdyňlaşdyrma:

Esaslyk maýany köpeltmek barada islendik karar döredijiler tarapyndan kabul edilmelidir.

Paýnamalary esasy serişdelere ýa-da maddy däl aktiwlere çalyşmak arkaly ýerlenende aktiwiň degişli hasabyny debetlenmeli we 30105 «Esaslyk maýa - artykmaçlykly paýnamalar» hasabyny kreditlenmeli.

Bankda jikme-jik hasaba alnyşda bu hasaplaryň dörän döwri boýunça seljermesini geçirmäge mümkinçilik berýän maglumat ulgamyny döretmek maslahat berilýär.

Passiwe garşylyklaýyn hasap	**30106**
Hasabyň ady:	Yzyna satyn alnan artykmaçlykly paýnamalar
Ulanyjy:	Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Paýdarlaryň düzüminden çykanlygy sebäpli, olary soňra satmak ýa-da ýatyrmak maksady bilen, paýdarlardan yzyna satyn alnan paýnamalaryň bahasyny hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy amalyň geçirilen senesine laýyklykda amala aşyrylmalydyr.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Paýnamalary yzyna satyn alynmagy	30106 Yzyna satyn alnan artykmaçlykly paýnamalar	28205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar 19205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar
Yzyna satyn alnan paýnamalaryň ýerlenmegi	28205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar 19205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar	30106 Yzyna satyn alnan artykmaçlykly paýnamalar
Paýnamalaryň dolanşykdan aýrylmagy	30105 Esaslyk maýa - artykmaçlykly paýnamalar	30106 Yzyna satyn alnan artykmaçlykly paýnamalar

Aýdyňlaşdyrma:

Yzyna satyn alnan hususy paýnamalar aktiw hökmünde çykyş etmeýärler. Yzyna satyn alnan paýnamalara eýeçilik ses bermäge, satyn almaga bolan artykmaçlykdan peýdalanmaga, pul düşewüntlerini ýa-da bank ýatyrylan ýagdaýynda aktiwleri almaga hukuklary bermeýär. Yzyna satyn alnan paýnamalar hasaplarda iki usul bilen görkezilýär: satyn alnan bahadan hasaba almak usuly we ýüzünde görkezilen bahadan hasaba almak usuly

Bankda jikme-jik hasaba alnyşda bu hasaplaryň dörän döwri we satyn alnan bahasy boýunça seljermesini geçirmäge mümkinçilik berýän maglumat ulgamyny döretmek maslahat berilýär.

KLAS 1. GOŞMAÇA TÖLENEN MAÝASY

Topar 1. Goşmaça tölenen maýasy

Passiw hasap	**31101**
Hasabyň ady:	Goşmaça tölenen maýa
Ulanyjy:	Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Hususy paýnamalaryň ýerleşdirilmeginden alnan goşmaça serişdeleri hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy amalyň geçirilen senesine laýyklykda amala aşyrylmalydyr.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Paýnamalaryň ýerlenmegi ýüzünde görkezilen bahasyndan ýokary bahadan - tapawudyna	28205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar 19205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar	31101 Goşmaça tölenen maýa
ýüzünde görkezilen bahasyndan pes bahadan - tapawudyna	31101 Goşmaça tölenen maýa	28205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 28210 Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar 19205 Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 19210 Gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar

Aýdyňlaşdyrma:

Goşmaça tölenen maýanyň hasaplary diňe hususy paýnamalaryň dolanşyga çykarylmagy, yzyna satyn alynmagy/satylmagy bilen baglanşykly amallar boýunça ýüze çykan baha tapawudyny hasaba almak üçin ulanylýar. Paýnamalaryň ýüzünde görkezilen bahasy boýunça paýnamalaýyn maýanyň umumy möçberi tölenen maýanyň hasaplarynda hasaba alynýar. Paýnamalaryň ýerlenen bahasy (pul serişdeleriň hasaplaryna paýdarlardan gelen serişdeleriň möçberi) bilen paýnamalaryň ýüzünde görkezilen bahasynyň (tölenen maýa) tapawudy 31101 «Goşmaça tölenen maýa» hasabynda hasaba alynmalydyr.

Goşmaça hususy serişdeleriň ulanylyşy hereket edýän kanunçylyga we döredijileriň çözgüdine laýyklykda kesgitlenýär.

KLAS 2. ÄTIÝAÇLYK GAZNA/GOR

Topar 1. Bankyň gaznalary

Passiw hasap	**32101**
Hasabyň ady:	Esasy ätiýaçlyk gazna
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Bankyň işinde garaşylmadyk ýitgileri ýapmak üçin bankyň peýdasynyň hasabyna döredilýän bankyň ätiýaçlyk gaznasyny hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy amalyň geçirilen senesine laýyklykda amala aşyrylmalydyr.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Peýdadan geçirmeler	32301 Geçen ýyllaryň paýlanmadyk peýdasy (toplanan ýetmezçiligi)	32101 Esasy ätiýaçlyk gazna
Ýitginiň geçirilmegi	32101 Esasy ätiýaçlyk gazna	32301 Geçen ýyllaryň paýlanmadyk peýdasy (toplanan ýetmezçiligi)

Aýdyňlaşdyrma:

Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda aýlanşyk serişdeleri goramak maksady bilen banklar paýlanmadyk peýdany ulanmakda çäklendirmeleri bardyr.

Passiw hasap	**32102**
Hasabyň ady:	Gaýry gaznalar
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Bankyň müdiriýetiniň buýrugy ýa-da döredijileriň ýygnagynyň çözgüdi esasynda bankyň peýdasynyň hasabyna döredilýän bankyň ätiýaçlyk gaznasyny hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy amalyň geçirilen senesine laýyklykda amala aşyrylmalydyr.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Peýdadan geçirmeler	32301 Geçen ýyllaryň paýlanmadyk peýdasy (toplanan ýetmezçiligi)	32102 Gaýry gaznalar
Ýitginiň geçirilmegi	32102 Gaýry gaznalar	32301 Geçen ýyllaryň paýlanmadyk peýdasy (toplanan ýetmezçiligi)

Aýdyňlaşdyrma:

Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda aýlanşyk serişdeleri goramak maksady bilen banklar paýlanmadyk peýdany ulanmakda çäklendirmeleri bardyr.

Topar 2. Bankyň ätiýaçlyklary

Passiw hasap	**32201**
Hasabyň ady:	Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň täzeden bahalandyrylmagynyň netijesinde emele gelen bahasynyň ýokarlanan (artan) möçberini hasaba almak
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy amalyň geçirilen senesine laýyklykda amala aşyrylmalydyr.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Aktiwiň adalatly bahasynyň ýokarlanmagy	17102-17107 Bankyň esasy serişdeleri we maddy däl aktiwleri	32201 Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory
Aktiwiň adalatly bahasynyň peselmegi	32201 Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory	17102-17107 Bankyň esasy serişdeleri we maddy däl aktiwleri

Aýdyňlaşdyrma:

Öň arzanlamakdan çykdajylar ykrar edilen aktiwiň bahasy ýokarlanan ýagdaýynda, girdejiler şol arzanlamakdan çykdajylaryň çäginde ýkrar edilip, aktiwiň bahasynyň ýokarlanmagynyň galan bölegi bolsa «Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory» hasabyna eltilmelidir.

Öň özi babatda «Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory» döredilen aktiwiň bahasy arzanlan ýagdaýynda, arzanlamakdan çykdajylar şol döredilen ätiýaçlyklaryň möçberi aýrylyp ykrar edilmelidir.

«Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory» hasabynda kredit galyndysy bolmadyk ýagdaýynda, onda aktiwiň bahasynyň arzanlamkdan ähli möçberi çykdajylaryň hasaplarynda ykrar edilmelidir.

Bankda jikme-jik hasaba alnyşda bu hasaplaryň esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň görnüşlerine görä seljermesini geçirmäge mümkinçilik berýän maglumat ulgamyny döretmek maslahat berilýär.

Passiw hasap	**32202**
Hasabyň ady:	Gymmatly kagyzlaryň bahasynyň täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Satmak üçin bar bolan gymmatly kagyzlaryň täzeden bahalandyrylmagynyň netijesinde emele gelen bahasynyň ýokarlanan (artan) möçberini hasaba almak
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy amalyň geçirilen senesine laýyklykda amala aşyrylmalydyr.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Täzeden bahalandyrylmagy (adalatly bahasynyň ýokarlanmagy)	15106 Satmak üçin bar bolan gymmatly kagyzlaryň bazar (adalatly) bahasynyň üýtgemegi (oňyn üýtgemegi)	32202 Gymmatly kagyzlaryň bahasynyň täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory
Täzeden bahalandyrylmagy (adalatly bahasynyň peselmegi)	32202 Gymmatly kagyzlaryň bahasynyň täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory	15107 Satmak üçin bar bolan gymmatly kagyzlaryň bazar (adalatly) bahasynyň üýtgemegi (oňyn däl üýtgemegi)

Gymmatly kagyzlaryň ýerlenmegi		
kredit galyndysy bar bolanda	32202 Gymmatly kagyzlaryň bahasynyň täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory	46103 Gymmatly kagyzlaryň bahasynyň üýtgemeginden alnan girdejiler
debet galyndysy bar bolanda	56103 Gymmatly kagyzlaryň bahasynyň üýtgemeginden çykdajylar	32202 Gymmatly kagyzlaryň bahasynyň täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyk gory

Aýdyňlaşdyrma:

Bankda jikme-jik hasaba alnyşda bu hasaplaryň gymmatly kagyzlaryň her bir görnüşine görä seljermesini geçirmäge mümkinçilik berýän maglumat ulgamyny döretmek maslahat berilýär.

Passiw hasap	**32203**
Hasabyň ady:	Gaýry täzeden bahalandyrmanyň ätiýaçlyk gory
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Täzeden bahalandyrylmagynyň netijesinde emele gelen bahasynyň ýokarlanan (artan) möçberini hasaba almak
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy amalyň geçirilen senesine laýyklykda amala aşyrylmalydyr.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Täzeden bahalandyrylmagy (adalatly bahasynyň ýokarlanmagy)	16201 Maýa goýumy görnüşindäki gozgalmaýan emläk	32203 Gaýry täzeden bahalandyrmanyň ätiýaçlyk gory
Täzeden bahalandyrylmagy (adalatly bahasynyň peselmegi)	32203 Gaýry täzeden bahalandyrmanyň ätiýaçlyk gory	16201 Maýa goýumy görnüşindäki gozgalmaýan emläk

Aýdyňlaşdyrma:

Bankda jikme-jik hasaba alnyşda bu hasaplaryň gymmatly kagyzlaryň her bir görnüşine görä seljermesini geçirmäge mümkinçilik berýän maglumat ulgamyny döretmek maslahat berilýär.

Topar 3. Paýlanmadyk peýda / Ýapylmadyk ýitgi

Passiw hasap	**32301**
Hasabyň ady:	Geçen ýyllaryň paýlanmadyk peýdasy (toplanan ýetmezçiligi)
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Geçen döwürleriň bankyň işjeňliginiň maliýe netijeleriniň möçberlerini hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy amalyň geçirilen senesine laýyklykda amala aşyrylmalydyr.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Hasabat ýylyň sap peýdasyny (ýitgisini) geçen ýyllaryň peýdalynyň hasabyna eltilmegi	32303 Hasabat ýylynyň paýlanmadyk peýdasy (toplanan ýetmezçiligi)	32301 Geçen ýyllaryň paýlanmadyk peýdasy (toplanan ýetmezçiligi)
Peýdadan geçirmeler	32301 Geçen ýyllaryň paýlanmadyk peýdasy (toplanan ýetmezçiligi)	Gorlaryň degişli hasaplaryny ýa-da düşewüntleri (diwidentleri) tölemek üçin

Aýdyňlaşdyrma:

Bu hasaplar boýunça galyndy maliýe hasabatynda mydama passiw tarapda görkezilýär. Egerde ýitgi ýüze çykan ýagdaýynda galyndy minus alamatly görkezilýär.

Passiw hasap	**32303**
Hasabyň ady:	Hasabat ýylynyň paýlanmadyk peýdasy (toplanan ýetmezçiligi)
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Hasabat ýylynyň bankyň işjeňliginiň maliýe netijeleriniň möçberlerini hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Amallary olaryň geçirilen gününde görkezmek ýörelgesi:* Hasaplar boýunça ýazgy amalyň geçirilen senesine laýyklykda amala aşyrylmalydyr.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Girdejileriň hasaplarynyň ýapylmagy	Girdejileriň hasaplary	32303 Hasabat ýylynyň paýlanmadyk peýdasy (toplanan ýetmezçiligi)
Çykdajylaryň hasaplarynyň ýapylmagy	32303 Hasabat ýylynyň paýlanmadyk peýdasy (toplanan ýetmezçiligi)	Çykdajylaryň hasaplary
Hasabat ýylyň sap peýdasyny (ýitgisini) geçen ýyllaryň peýdasynyň hasabyna eltilmegi	32303 Hasabat ýylynyň paýlanmadyk peýdasy (toplanan ýetmezçiligi)	32301 Geçen ýyllaryň paýlanmadyk peýdasy (toplanan ýetmezçiligi)

Aýdyňlaşdyrma:

Bu hasaplar boýunça galyndy maliýe hasabatynda mydama passiw tarapda görkezilýär. Egerde ýitgi ýüze çykan ýagdaýynda galyndy minus alamatly görkezilýär.

GIRDEJILER

KLAS 1. GÖTERIM GIRDEJILER

Topar 1. Aragatnaşyk hasaplary boýunça göterim girdejileri

Passiw hasap	**41101**
Hasabyň ady:	Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky «Nostro» hasaplary boýunça göterim girdejileri
Ulanyjy:	Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky açylan aragatnaşyk hasaplary boýunça göterim girdejileriniň möçberlerini hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaplama ýörelgesi:* Girdejileriň alnanlary hem, alynmadyklary hem, olaryň alnan möhletine bagly bolmazdan, degişli döwründe ykrar edilýär. Bu hasapda görkezilen hasaplanan göterimleriň möçberi, soňky tölegiň tölenen pursatyndan hasabat döwrüniň soňky gününe çenli döwür üçin hasaplanan göterimleriň möçberlerine gabat gelmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Girdejileriň ykrar edilmegi	18101 Bankyň Türkmenistanyň Merkezi bankyna talaplary boýunça alynmaga degişli hasaplanan göterimler	41101 Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky «Nostro» hasaplary boýunça göterim girdejileri
Ýylyň maliýe netijelerine eltilmegi	41101 Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky «Nostro» hasaplary boýunça göterim girdejileri	32303 Hasabat ýylynyň paýlanmadyk peýdasy (toplanan ýetmezçiligi)

Aýdyňlaşdyrma:

Degişli hasaplanan göterimleriň hasaplamasy azyndan hasabat döwrüniň soňunda amala aşyrylýar we amal gününiň soňunda «Bankyň talaplary boýunça alynmaga degişli hasaplanan göterimler» hasabyň debeti boýunça we «Göterim girdejiler» hasabyň krediti boýunça geçen hasaplamanyň amala aşyrylan pursatyndan bäri şu hasabat döwüri üçin alynmaga degişli göterimleriň möçberi hökmünde geçirilýär

Içki gözegçilik tertibinde göterim derejeleriniň bankyň göterim syýasatyna laýyklykda dogry ulanylýandygyny we ortaça göterim derejeleriniň görkezjilerini bahalandyrmak üçin, bank göterimler boýunça girdejileri karzlar boýunça üzlüşilmedik berginiň ortaça möçberi bilen deňeşdirmelidir.

Passiw hasap	**41102**
Hasabyň ady:	Bank edaralaryndaky «Nostro» hasaplary boýunça göterim girdejileri (TMB-den başga)
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Bank edaralarynda (TMB-den başga) açylan aragatnaşyk hasaplary boýunça göterim girdejileriniň möçberlerini hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaplama ýörelgesi:* Girdejileriň alnanlary hem, alynmadyklary hem, olaryň alnan möhletine bagly bolmazdan, degişli döwründe ykrar edilýär. Bu hasapda görkezilen hasaplanan göterimleriň möçberi, soňky tölegiň tölenen pursatyndan hasabat döwrüniň soňky gününe çenli döwür üçin hasaplanan göterimleriň möçberlerine gabat gelmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Girdejileriň ykrar edilmegi	18103 Bank edaralaryna bolan talaplar boýunça alynmaga degişli hasaplanan göterimler (TMB-den başga)	41102 Bank edaralaryndaky «Nostro» hasaplary boýunça göterim girdejileri
Öňünden alnan göterim girdejileriň ykrar edilmegi	28302 Gelip gowuşan hakujylar	41102 Bank edaralaryndaky «Nostro» hasaplary boýunça göterim girdejileri
Ýylyň maliýe netijelerine eltilmegi	41102 Bank edaralaryndaky «Nostro» hasaplary boýunça göterim girdejileri	32303 Hasabat ýylynyň paýlanmadyk peýdasy (toplanan ýetmezçiligi)

Aýdyňlaşdyrma:

Degişli hasaplanan göterimleriň hasaplamasy azyndan hasabat döwrüniň soňunda amala aşyrylýar we amal gününiň soňunda «Bankyň talaplary boýunça alynmaga degişli hasaplanan göterimler» hasabyň debeti boýunça we «Göterim girdejiler» hasabyň krediti boýunça geçen hasaplamanyň amala aşyrylan pursatyndan bäri şu hasabat döwüri üçin alynmaga degişli göterimleriň möçberi hökmünde geçirilýär

Içki gözegçilik tertibinde göterim derejeleriniň bankyň göterim syýasatyna laýyklykda dogry ulanylýandygyny we ortaça göterim derejeleriniň görkezjilerini bahalandyrmak üçin, bank göterimler boýunça girdejileri karzlar boýunça üzlüşilmedik berginiň ortaça möçberi bilen deňeşdirmelidir.

Ähli girdejiler we çykdajylar tölegiň haýsy pulda geçirilendigine bagly bolmazdan, girdejileriň we çykdajylaryň hasaplarynda milli pulda hasaba alynýar.

Topar 2. «Owernaýt» depozitler boýunça göterim girdejileri

Passiw hasap	**41201**
Hasabyň ady:	Türkmenisanyň Merkezi bankynda ýerleşdirlen «owernaýt» depozitler boýunça göterim girdejileriniň möçberlerini hasaba almak.
Ulanyjy:	Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Türkmenisanyň Merkezi bankynda ýerleşdirlen «owernaýt» depozitler boýunça göterim girdejileriniň möçberlerini hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaplama ýörelgesi:* Girdejileriň alnanlary hem, alynmadyklary hem, olaryň alnan möhletine bagly bolmazdan, degişli döwründe ykrar edilýär. Bu hasapda görkezilen hasaplanan göterimleriň möçberi, soňky tölegiň tölenen pursatyndan hasabat döwrüniň soňky gününe çenli döwür üçin hasaplanan göterimleriň möçberlerine gabat gelmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Girdejileriň ykrar edilmegi	18101 Türkmenistanyň Merkezi bankyna talaplar boýunça alynmaga degişli hasaplanan göterimler	41201 Türkmenisanyň Merkezi bankynda ýerleşdirlen «owernaýt» depozitler boýunça göterim girdejileriniň möçberlerini hasaba almak
Ýylyň maliýe netijelerine eltilmegi	41201 Türkmenisanyň Merkezi bankynda ýerleşdirlen «owernaýt» depozitler boýunça göterim girdejileriniň möçberlerini hasaba almak	32303 Hasabat ýylynyň paýlanmadyk peýdasy (toplanan ýetmezçiligi)

Aýdyňlaşdyrma:

Degişli hasaplanan göterimleriň hasaplamasy azyndan hasabat döwrüniň soňunda amala aşyrylýar we amal gününiň soňunda «Bankyň talaplary boýunça alynmaga degişli hasaplanan göterimler» hasabyň debeti boýunça we «Göterim girdejiler» hasabyň krediti boýunça geçen hasaplamanyň amala aşyrylan pursatyndan bäri şu hasabat döwüri üçin alynmaga degişli göterimleriň möçberi hökmünde geçirilýär

Içki gözegçilik tertibinde göterim derejeleriniň bankyň göterim syýasatyna laýyklykda dogry ulanylýandygyny we ortaça göterim derejeleriniň görkezjilerini bahalandyrmak üçin, bank göterimler boýunça girdejileri karzlar boýunça üzlüşilmedik berginiň ortaça möçberi bilen deňeşdirmelidir.

Ähli girdejiler we çykdajylar tölegiň haýsy pulda geçirilendigine bagly bolmazdan, girdejileriň we çykdajylaryň hasaplarynda milli pulda hasaba alynýar.

Passiw hasap	**41202**
Hasabyň ady:	Beýleki bank edaralarynda ýerleşdirlen «owernaýt» depozitler boýunça göterim girdejileri
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Beýleki bank edaralarynda ýerleşdirlen «owernaýt» depozitler boýunça göterim girdejileriniň möçberlerini hasaba almak.
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaplama ýörelgesi:* Girdejileriň alnanlary hem, alynmadyklary hem, olaryň alnan möhletine bagly bolmazdan, degişli döwründe ykrar edilýär. Bu hasapda görkezilen hasaplanan göterimleriň möçberi, soňky tölegiň tölenen pursatyndan hasabat döwrüniň soňky gününe çenli döwür üçin hasaplanan göterimleriň möçberlerine gabat gelmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Girdejileriň ykrar edilmegi	18103 Bank edaralaryna bolan talaplar boýunça alynmaga degişli hasaplanan göterimler	41202 Beýleki bank edaralarynda ýerleşdirlen «owernaýt» depozitler boýunça göterim girdejileri
Öňünden alnan göterim girdejileriň ykrar edilmegi	28302 Gelip gowuşan hakujylar	41202 Beýleki bank edaralarynda ýerleşdirlen «owernaýt» depozitler boýunça göterim girdejileri
Ýylyň maliýe netijelerine eltilmegi	41202 Beýleki bank edaralarynda ýerleşdirlen «owernaýt» depozitler boýunça göterim girdejileri	32303 Hasabat ýylynyň paýlanmadyk peýdasy (toplanan ýetmezçiligi)

Aýdyňlaşdyrma:

Degişli hasaplanan göterimleriň hasaplamasy azyndan hasabat döwrüniň soňunda amala aşyrylýar we amal gününiň soňunda «Bankyň talaplary boýunça alynmaga degişli hasaplanan göterimler» hasabyň debeti boýunça we «Göterim girdejiler» hasabyň krediti boýunça geçen hasaplamanyň amala aşyrylan pursatyndan bäri şu hasabat döwüri üçin alynmaga degişli göterimleriň möçberi hökmünde geçirilýär

Içki gözegçilik tertibinde göterim derejeleriniň bankyň göterim syýasatyna laýyklykda dogry ulanylýandygyny we ortaça göterim derejeleriniň görkezjilerini bahalandyrmak üçin, bank göterimler boýunça girdejileri karzlar boýunça üzlüşilmedik berginiň ortaça möçberi bilen deňeşdirmelidir.

Bank her bir hasabat senä göterimleri ýa-da esasy berginiň möçberini tölemekden boýun gaçyrmak bardygyny kesgitlemeli. Karzlar we debitor bergiler boýunça arzanlamakdan ýitgileriň obýektiw alamatlarynyň bar bolan ýagdaýynda, aktiwiň balans bahasy göniden-göni ýa-da bahalandyrlan ätiýaçlyklaryň hasabyna azaldylmalydyr. Ýitginiň möçberi döwrüň peýdalarynda we ýitgilerinde ykrar edilmelidir.

Ähli girdejiler we çykdajylar tölegiň haýsy pulda geçirilendigine bagly bolmazdan, girdejileriň we çykdajylaryň hasaplarynda milli pulda hasaba alynýar.

Topar 3. Türkmenistanyň Merkezi bankyna bolan talaplar boýunça göterim girdejiler

Passiw hasap	**41301**
Hasabyň ady:	Türkmenistanyň Merkezi bankynda ýerleşdirlen depozitler boýunça göterim girdejiler
Ulanyjy:	Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Türkmenistanyň Merkezi bankynda ýerleşdirlen depozitler boýunça bankyň göterim girdejileriniň möçberlerini hasaba almak
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaplama ýörelgesi:* Girdejileriň alnanlary hem, alynmadyklary hem, olaryň alnan möhletine bagly bolmazdan, degişli döwründe ykrar edilýär. Bu hasapda görkezilen hasaplanan göterimleriň möçberi, soňky tölegiň tölenen pursatyndan hasabat döwrüniň soňky gününe çenli döwür üçin hasaplanan göterimleriň möçberlerine gabat gelmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Girdejileriň ykrar edilmegi	18101 Türkmenistanyň Merkezi bankyna talaplar boýunça alynmaga degişli hasaplanan göterimler	41301 Türkmenistanyň Merkezi bankynda ýerleşdirlen depozitler boýunça göterim girdejiler
Ýylyň maliýe netijelerine eltilmegi	41301 Türkmenistanyň Merkezi bankynda ýerleşdirlen depozitler boýunça göterim girdejiler	32303 Hasabat ýylynyň paýlanmadyk peýdasy (toplanan ýetmezçiligi)

Aýdyňlaşdyrma:

Degişli hasaplanan göterimleriň hasaplamasy azyndan hasabat döwrüniň soňunda amala aşyrylýar we amal gününiň soňunda «Bankyň talaplary boýunça alynmaga degişli hasaplanan göterimler» hasabyň debeti boýunça we «Göterim girdejiler» hasabyň krediti boýunça geçen hasaplamanyň amala aşyrylan pursatyndan bäri şu hasabat döwüri üçin alynmaga degişli göterimleriň möçberi hökmünde geçirilýär

Içki gözegçilik tertibinde göterim derejeleriniň bankyň göterim syýasatyna laýyklykda dogry ulanylýandygyny we ortaça göterim derejeleriniň görkezjilerini bahalandyrmak üçin, bank göterimler boýunça girdejileri karzlar boýunça üzlüşilmedik berginiň ortaça möçberi bilen deňeşdirmelidir.

Ähli girdejiler we çykdajylar tölegiň haýsy pulda geçirilendigine bagly bolmazdan, girdejileriň we çykdajylaryň hasaplarynda milli pulda hasaba alynýar.

Passiw hasap	**41302**
Hasabyň ady:	Türkmenistanyň Merkezi bankyna bolan beýleki talaplar boýunça göterim girdejiler
Ulanyjy:	Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Türkmenistanyň Merkezi bankyna bolan beýleki talaplar boýunça bankyň göterim girdejileriniň möçberlerini hasaba almak
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaplama ýörelgesi:* Girdejileriň alnanlary hem, alynmadyklary hem, olaryň alnan möhletine bagly bolmazdan, degişli döwründe ykrar edilýär. Bu hasapda görkezilen hasaplanan göterimleriň möçberi, soňky tölegiň tölenen pursatyndan hasabat döwrüniň soňky gününe çenli döwür üçin hasaplanan göterimleriň möçberlerine gabat gelmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Girdejileriň ykrar edilmegi	18101 Türkmenistanyň Merkezi bankyna talaplar boýunça alynmaga degişli hasaplanan göterimler	41302 Türkmenistanyň Merkezi bankyna bolan beýleki talaplar boýunça göterim girdejiler
Ýylyň maliýe netijelerine eltilmegi	41302 Türkmenistanyň Merkezi bankyna bolan beýleki talaplar boýunça göterim girdejiler	32303 Hasabat ýylynyň paýlanmadyk peýdasy (toplanan ýetmezçiligi)

Aýdyňlaşdyrma:

Degişli hasaplanan göterimleriň hasaplamasy azyndan hasabat döwrüniň soňunda amala aşyrylýar we amal gününiň soňunda «Bankyň talaplary boýunça alynmaga degişli hasaplanan göterimler» hasabyň debeti boýunça we «Göterim girdejiler» hasabyň krediti boýunça geçen hasaplamanyň amala aşyrylan pursatyndan bäri şu hasabat döwüri üçin alynmaga degişli göterimleriň möçberi hökmünde geçirilýär

Içki gözegçilik tertibinde göterim derejeleriniň bankyň göterim syýasatyna laýyklykda dogry ulanylýandygyny we ortaça göterim derejeleriniň görkezjilerini bahalandyrmak üçin, bank göterimler boýunça girdejileri karzlar boýunça üzlüşilmedik berginiň ortaça möçberi bilen deňeşdirmelidir.

Ähli girdejiler we çykdajylar tölegiň haýsy pulda geçirilendigine bagly bolmazdan, girdejileriň we çykdajylaryň hasaplarynda milli pulda hasaba alynýar.

Passiw hasap	**41303**
Hasabyň ady:	Türkmenistanyň Merkezi bankyna bolan talaplar boýunça indirimiň täzeden hasaplanmagyndan girdejiler
Ulanyjy:	Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Türkmenistanyň Merkezi bankyna bolan talaplar boýunça indirimiň täzeden hasaplanmagyndan girdejileriniň möçberlerini hasaba almak
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaplama ýörelgesi:* Indirimiň we sylagyň täzeden hasaplanylmagyndan girdejiler we çykdajylar tölegiň möhletine bagly bolmazdan, olaryň degişli döwründe hasaba alynýar.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Indirimiň tazeden hasaplanmagy	13103 Türkmenistanyň Merkezi bankyna bolan talaplar boýunça indirim	41303 Türkmenistanyň Merkezi bankyna bolan talaplar boýunça indirimiň täzeden hasaplanmagyndan girdejiler
Ýylyň maliýe netijelerine eltilmegi	41303 Türkmenistanyň Merkezi bankyna bolan talaplar boýunça indirimiň täzeden hasaplanmagyndan girdejiler	32303 Hasabat ýylynyň paýlanmadyk peýdasy (toplanan ýetmezçiligi)

Aýdyňlaşdyrma:

Ýerleşdirlen karzlar/goýumlar ilkibaşda geleşik boýunça maliýe aktiwiň döremegi bilen göniden-göni baglanyşykly harajatlary göz öňünde tutup, hakyky bahasyndan hasaba alynýar. Harajatlar çylşyrymly göterim derejesi boýunça täzeden hasaplanyp girdejilere/çykdajylara eltilýär.

Ähli girdejiler we çykdajylar tölegiň haýsy pulda geçirilendigine bagly bolmazdan, girdejileriň we çykdajylaryň hasaplarynda milli pulda hasaba alynýar.

Passiw hasap	**41304**
Hasabyň ady:	Türkmenistanyň Merkezi bankyna bolan borçlar boýunça sylagyň täzeden hasaplanmagyndan girdejiler
Ulanyjy:	Täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Türkmenistanyň Merkezi bankyna bolan borçlar boýunça sylagyň täzeden hasaplanmagyndangirdejileriniň möçberlerini hasaba almak
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaplama ýörelgesi:* Indirimiň we sylagyň täzeden hasaplanylmagyndan girdejiler we çykdajylar tölegiň möhletine bagly bolmazdan, olaryň degişli döwründe hasaba alynýar.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Indirimiň täzeden hasaplanmagy	22105 Türkmenistanyň Merkezi bankynyň öňündäki borçlar boýunça sylag	41304 Türkmenistanyň Merkezi bankyna bolan borçlar boýunça sylagyň täzeden hasaplanmagyndan girdejiler
Ýylyň maliýe netijelerine eltilmegi	41304 Türkmenistanyň Merkezi bankyna bolan borçlar boýunça sylagyň täzeden hasaplanmagyndan girdejiler	32303 Hasabat ýylynyň paýlanmadyk peýdasy (toplanan ýetmezçiligi)

Aýdyňlaşdyrma:

Çekilen goýumlar/karzlar ilkibaşda geleşik boýunça maliýe borçlaryň döremegi bilen göniden-göni baglanyşykly harajatlary göz öňünde tutup, hakyky bahasyndan hasaba alynýar. Harajatlar çylşyrymly göterim derejesi boýunça täzeden hasaplanyp girdejilere/çykdajylara eltilýär.

Ähli girdejiler we çykdajylar tölegiň haýsy pulda geçirilendigine bagly bolmazdan, girdejileriň we çykdajylaryň hasaplarynda milli pulda hasaba alynýar.

Topar 4. Halkara guramalaryna bolan talaplar boýunça göterim girdejiler

Passiw hasap	**41401**
Hasabyň ady:	Halkara guramalaryna bolan talaplar boýunça göterim girdejiler - Karzlar / Depozitler
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Ygtyýarlandyrlan täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Halkara guramalarynda berlen karzlar we ýerleşdirlen goýumlar boýunça bankyň göterim girdejileriniň möçberlerini hasaba almak
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaplama ýörelgesi:* Girdejileriň alnanlary hem, alynmadyklary hem, olaryň alnan möhletine bagly bolmazdan, degişli döwründe ykrar edilýär. Bu hasapda görkezilen hasaplanan göterimleriň möçberi, soňky tölegiň tölenen pursatyndan hasabat döwrüniň soňky gününe çenli döwür üçin hasaplanan göterimleriň möçberlerine gabat gelmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Girdejileriň ykrar edilmegi	18102 Halkara guramalaryna bolan talaplar boýunça alynmaga degişli hasaplanan göterimler	41401 Halkara guramalaryna bolan talaplar boýunça göterim girdejiler - Karzlar / Depozitler

Öňünden alnan göterim girdejileriň ykrar edilmegi	28302 Gelip gowuşan hakujylar	41401 Halkara guramalaryna bolan talaplar boýunça göterim girdejiler - Karzlar / Depozitler
Ýylyň maliýe netijelerine eltilmegi	41401 Halkara guramalaryna bolan talaplar boýunça göterim girdejiler - Karzlar / Depozitler	32303 Hasabat ýylynyň paýlanmadyk peýdasy (toplanan ýetmezçiligi)

Aýdyňlaşdyrma:

Degişli hasaplanan göterimleriň hasaplamasy azyndan hasabat döwrüniň soňunda amala aşyrylýar we amal gününiň soňunda «Bankyň talaplary boýunça alynmaga degişli hasaplanan göterimler» hasabyň debeti boýunça we «Göterim girdejiler» hasabyň krediti boýunça geçen hasaplamanyň amala aşyrylan pursatyndan bäri şu hasabat döwüri üçin alynmaga degişli göterimleriň möçberi hökmünde geçirilýär

Içki gözegçilik tertibinde göterim derejeleriniň bankyň göterim syýasatyna laýyklykda dogry ulanylýandygyny we ortaça göterim derejeleriniň görkezjilerini bahalandyrmak üçin, bank göterimler boýunça girdejileri karzlar boýunça üzlüşilmedik berginiň ortaça möçberi bilen deňeşdirmelidir.

Bank her bir hasabat senä göterimleri ýa-da esasy berginiň möçberini tölemekden boýun gaçyrmak bardygyny kesgitlemeli. Karzlar we debitor bergiler boýunça arzanlamakdan ýitgileriň obýektiw alamatlarynyň bar bolan ýagdaýynda, aktiwiň balans bahasy göniden-göni ýa-da bahalandyrlan ätiýaçlyklaryň hasabyna azaldylmalydyr. Ýitginiň möçberi döwrüň peýdalarynda we ýitgilerinde ykrar edilmelidir.

Ähli girdejiler we çykdajylar tölegiň haýsy pulda geçirilendigine bagly bolmazdan, girdejileriň we çykdajylaryň hasaplarynda milli pulda hasaba alynýar.

Passiw hasap	**41402**
Hasabyň ady:	Halkara guramalaryna bolan beýleki talaplar boýunça göterim girdejiler
Ulanyjy:	Türkmenistanyň Merkezi banky, Ygtyýarlandyrlan täjirçilik banky
Hasabyň niýetlenilişi:	Halkara guramalaryna bolan beýleki talaplar boýunça bankyň göterim girdejileriniň möçberlerini hasaba almak
Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri:	*Hasaplama ýörelgesi:* Girdejileriň alnanlary hem, alynmadyklary hem, olaryň alnan möhletine bagly bolmazdan, degişli döwründe ykrar edilýär. Bu hasapda görkezilen hasaplanan göterimleriň möçberi, soňky tölegiň tölenen pursatyndan hasabat döwrüniň soňky gününe çenli döwür üçin hasaplanan göterimleriň möçberlerine gabat gelmelidir.

Bir ülňidäki geçirmeler:

Amallar	***Debet***	***Kredit***
Girdejileriň ykrar edilmegi	18102 Halkara guramalaryna bolan talaplar boýunça alynmaga degişli hasaplanan göterimler	41402 Halkara guramalaryna bolan beýleki talaplar boýunça göterim girdejiler
Öňünden alnan göterim girdejileriň ykrar edilmegi	28302 Gelip gowuşan hakujylar	41402 Halkara guramalaryna bolan beýleki talaplar boýunça göterim girdejiler
Ýylyň maliýe netijelerine eltilmegi	41402 Halkara guramalaryna bolan beýleki talaplar boýunça göterim girdejiler	32303 Hasabat ýylynyň paýlanmadyk peýdasy (toplanan ýetmezçiligi)

Aýdyňlaşdyrma:

